# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – ÝER ÝÜZÜNIŇ DÖWLETLERI WE HALKARA GURAMALARY BILEN HYZMATDAŞLYGY TÄZE MANY-MAZMUN BILEN BAÝLAŞDYRARYS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
10-njy ýanwar, 2025. Belgisi 2/1620



## ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYK HAS-DA IŞJEŇLEŞDIRILÝÄR

**7-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Saud ösüş gaznasynyň Baş ýerine ýetiriji direktory Sultan Abdulrahman Al-Marşady kabul etdi.**

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, Saud Arabystanynyň Türkmenistan bilen dürli ugurlarda özara bähbitli hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýändigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz myhmany mähirli mübäräkläp, onuň Türkmenistana ilkinji saparynyň ýurtlarymyzyň maliýe we ykdysady ulgamdaky özara bähbitli hyzmatdaşlygyny has-da işjeňleşdirmäge goşant goşjakdygyna ynam bildirdi. Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenistan dünýä ýurtlary we abraýly halkara maliýe guramalary bilen gatnaşyklary ösdürmäge möhüm ähmiýet berýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň Saud ösüş gaznasy bilen hyzmatdaşlygynyň ýokary derejesi kanagatlanma bilen bellenildi.

Türkmenistan köp ýyllaryň dowamynda bu gazna bilen hyzmatdaşlyk edip gelýär. Geçen döwrüň içinde gazna ýurdumyzda amala aşyrylan birnäçe milli we halkara ähmiýetli iri taslamalary maliýeleşdirmäge işjeň gatnaşdy. Saglygy goraýyş, ulag-aragatnaşyk, maliýe ulgamlaryndaky taslamalar munuň aýdyň mysalydyr. Bu taslamalaryň durmuşa geçirilmegi diňe olara gatnaşyjy ýurtlaryň däl-de, eýsem, sebit ýurtlarynyň halklarynyň bähbidine hem hyzmat edýär diýip, hormatly Prezidentimiz belledi hem-de Türkmenistan bilen Saud ösüş gaznasynyň arasyndaky özara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga berýän goldawy üçin myhmana tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, ýurdumyzyň netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegi maksat edinýändigini tassyklady.

Myhman hyzmatdaşlygyň çäklerinde Saud ösüş gaznasynyň saglygy goraýyş we ulag ulgamlarynda birnäçe taslamalary maliýeleşdirmek işine gatnaşýandygyna örän şatdygyny hem-de okgunly ösýän, geljegi uly türkmen bazarynyň maýa goýum babatda özüne çekijiliginiň aýratyn gyzyklanma döredýändigini belledi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Saud ösüş gaznasynyň Baş ýerine ýetiriji direktory Sultan Abdulrahman Al-Marşad birek-birege berk jan saglyk, alyp barýan jogapkärli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdiler.

* * *

Şol gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Belarus Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Stanislaw Çepurnoýy kabul etdi. Ilçi döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

Duşuşygyň dowamynda deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak, ynanyşmak, netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan türkmen-belarus gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy hem-de geljegi barada gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Şunuň bilen baglylykda, ýurtlarymyzyň diňe bir ikitaraplaýyn däl, eýsem, köptaraplaýyn görnüşde, halkara we sebit guramalarynyň, şol sanda BMG-niň, GDA-nyň çäklerinde işjeň gatnaşyk edýändikleri kanagatlanma bilen bellenildi. Şunuň bilen bir hatarda, döwletara ynsanperwer hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýär. Türkmenistanyň hem-de Belarus Respublikasynyň ylym-bilim, sport, medeniýet, sungat ulgamlaryndaky ýakyn hyzmatdaşlygy iki ýurduň we olaryň halklarynyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam edýär.

## Parahatçylyk we ynanyşmak – türkmen diplomatiýasynyň ýörelgesi

2024-nji ýyl halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga, milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň düzümlerini kämilleşdirmäge, döwlet maksatnamalarynda kesgitlenen wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine gönükdirilen toplumlaýyn özgertmeleriň netijeli durmuşa geçirilýän ýyllarynyň biri boldy.



Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi Bitarap Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň dünýä bileleşiginiň umumy ykrar edilen ýörelgeleri bilen sazlaşykly utgaşýandygyny ýene-de bir gezek tassyklady. ■ 3

## Ata Watanymyz bagtyýar çagalygyň mekany

Çagalaryň bagtyýar durmuşy we sazlaşykly ösüşi Watanymyzyň abadançylygynyň kepilidir. Olaryň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek, şahsyýet hökmünde kemala gelmegi hem-de ukyp-başarnyklarynyň doly açylmagy üçin şertleriň döredilmegi Watanymyzyň, halkymyzyň röwşen geljegi ugrundaky uly jogapkärçilige esaslanýan tagallalaryň baş maksadydyr. Ýaş nesle mynasyp terbiýe bermek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň möhüm strategik maksatlarynyň biri bolup durýar.



Şunda ýaş nesliň amatly şertlerde ýaşamagy, dynç almagy, zähmet çekmegi, döredijilik bilen meşgullanmagy üçin berk kanunçylyk binýadyny kemala getirmek, ýaşlaryň durmuş kepilliklerini gorap, olaryň geljekde watansöýüji, zähmetsöýer ýaşlar bolup ýetişmegi ugrunda ähli zerur tagallalar edilýär. ■ 3

## ÝAŞLAR ÜÇIN GYMMATLY GOLLANMA

*Hormatly Prezidentimiziň 2025-nji ýyly – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny garşylaýan günlerimizde çapdan çykan «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly täze kitaby halkymyza ajaýyp baýramçylyk sowgady boldy. Döwlet Baştutanymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän taryhy ähmiýetli kitap ylmyň we çeper edebiýatyň muşdaklaryna, magtymgulyşynas alymlara hem-de giň jemgyýetçilige gymmatly serpaýdyr. Şu günler ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň bu gymmatly kitabynyň tanyşdyrylyş dabaralary giň gerimde dowam edýär.*

Täze kitapda ýurdumyzda Gündogaryň görnükli söz ussady Magtymguly Pyragynyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasynda mynasyp orun alan çuň manymazmunly, kämil şygyrlaryny öwrenmek, okyjylar köpçüligine ýetirmek babatda alnyp barylýan maksatnamalaýyn işler, şahyryň adyny, eserlerini ebedileşdirmek maksady bilen, aýratyn-da, şahyryň doglan gününiň 300 ýyllyk ýubileýi mynasybetli milli we halkara derejede geçirilen çäreler dogrusynda giňişleýin gürrüň edilýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly täze kitabynda beýik şahyrymyz barada söz açyp: «Şahyryň berýän öwüt-ündewleri bilen özümizi we ýaş nesilleri belent ahlaklylykda terbiýeläp bilýäris. Ýaşlary pederlerimizden miras galan milli häsiýetler, watançylyk ruhy esasynda terbiýelemek, olaryň il-ýurda, halka, Watana bolan söýgüsini gazanmak üçin Magtymguly Pyragynyň öwüt-ündewlerine berk eýermelidiris» diýip belleýär. Hakykatdan-da, hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, beýik akyldaryň eserleri ýurdumyzyň her bir raýatynyň mähriban halkymyza, eziz Diýarymyza, berkarar döwletimize bolan



söýgüsini, hormat-sarpasyny artdyrýar. Döwlet Baştutanymyzyň täze kitaby bolsa Magtymguly Pyragynyň baý we köptaraply döredijiligine düşünmekde, eserleriniň manysyna çuňňur akyl ýetirmekde ähli halkymyz, aýratyn-da, ýaşlar üçin gymmatly gollanmadyr.

Hormatly Prezidentimiziň täze kitaby özüniň ajaýyp eserleri bilen türkmen paýhasyny dünýä ýaýan akyldar şahyrymyzyň umumadamzat ähmiýetli baý döredijiligine bagyşlanyp, halkymyzda mukaddeslik saýylýan keremli söze goýulýan belent hormatyň aýdyň güwäsidir. ■ 2

## ŞANLY WAKALAR ÜSTÜNLIKLERE BADALGA

*«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçen 2024-nji ýyl uly üstünlikler bilen tamamlandy. Bu ýyl syýasy we ykdysady ugurlarda, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine tarap döredijilik ýoly bilen öňe barýan halkymyzyň medeni we ruhy durmuşynda gazanylan uly üstünlikler bilen ýurdumyzyň ýyl ýazgysyna ýazyldy.*

Halkymyz Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşyna jebisleşip, 2025-nji ýyly, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny şatlyk-şowhun bilen garşy aldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň türkmen halkyna Täze ýyl gutlagynda belleýşi ýaly, tamamlanan ýyl Garaşsyz Watanymyzyň täze taryhynda halkymyzyň durmuşyny üstünliklere beslän ýyllaryň biri boldy. Bu ýyl türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döwletli tutumlary, taryhy başlangyçlary has-da rowaçlandy.

Diýarymyzyň ähli ýerlerinde döwrebap mekdepler, çagalar baglary, saglygy goraýyş, sport desgalary, medeniýet edaralary, önümçilik binalary, başga-da köp sanly desgalar ulanmaga berildi. Bagtyýar maşgalalaryň müňlerçesi täze jaýly bolmak bagtyna eýe boldular. 2024-nji ýylda Daşoguz welaýatymyz üçin esasy wakalaryň birine öwrülen hemişelik Bitaraplygymyzyň 29 ýyllygyna bagyşlanyp täze döwrebap ýaşaýyş jaýlar we desgalar toplumynyň açylyp ulanylmaga berilmegi şanly wakalaryň biri boldy. Umumy tutýan meýdany 71 gektara barabar bolan bu toplumda 1496 maşgala niýetlenen jemi 70 sany: 51 sany 4 gatly 24 öýli, 15 sany 4 gatly 16 öýli, şeýle hem 4 sany 4 gatly 8 öýli ýaşaýyş jaýlary 30 ýyllyk karzyň hasabyna guruldy. Täze toplumda 600 orunlyk döwrebap orta mekdebi, 240 orunlyk çagalar bagy, saglyk merkezi we hyzmatlar öýi gurlup ulanmaga berildi.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda döwrebap özgertmeleri geçirmek we pudagy toplumlaýyn ösdürmek, oba hojalygyny ýokary girdejili pudaklaryň birine öwürmek, öndürilýän oba hojalyk önümleriniň möçberlerini artdyrmak arkaly bu önümleriň daşary ýurtlardan getirilýän möçberlerini azaltmak hem-de halkymyzyň azyk önümlerine bolan isleglerini we ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmek, şeýle hem oba zähmetkeşleriniň durmuş we zähmet şertlerini yzygiderli gowulandyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. ■ 2

## Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge uly ähmiýet berilýär

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge, onuň düzümini kämilleşdirmäge köp möçberde maýa goýumlar, şol sanda daşary ýurt maýa goýumlary gönükdirilýär. Ykdysady ösüşi ýokary derejede saklamak; makroykdysady durnuklylygy üpjün etmek, şol sanda bu işi hususy pudagyň tutýan ornuny ýokarlandyrmak we ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň netijeli ulgamyny döretmegiň hasabyna alyp barmak; ykdysadyýeti köpugurly ösdürmek bilen, ahyrky önüm hökmünde çig mala baglylygyň peseldilmegini gazanmak, bar bolan çig mal serişdelerini gaýtadan işleýän pudaklaryň sanyny artdyrmak; täze senagat önümçiliklerini we iş orunlaryny döretmek; ykdysadyýetiň senagatlaşma derejesini ýokarlandyrmak ýaly wezipeleri 2025-nji ýylda ýurdumyzyň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezmek bolar. ■ 3



**Afrika iň «juwan» ýklym bolar**
Afrikanyň ilaty 2050-nji ýyla çenli, takmynan, 2,5 milliard adama ýeter. Bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Afrika üçin ykdysady toparynyň hasabatynda aýdylýar. ■ 4

**Dünýäniň iň uly akwariumy**
Deňizde ýaşaýan jandarlary ýakyndan synlamak üçin ilkinji akwarium 1853-nji ýylda London haýwanat bagynyň çäginde köpçülige açylýar. ■ 5

**82-nji «Altyn globus» baýraklarynyň ýeňijileri**
Kino sungatynyň abraýly sylaglarynyň hatarynda görkezilýän «Altyn globus» baýraklarynyň ýeňijileri belli boldy. Dabarany komediýaçy zenan Nikki Gleýzer alyp bardy. ■ 6

**47-nji Dakar Rallisi dowam edýär**
Dünýäniň iň kyn ýaryşlarynyň biri bolan Dakar Rallisiniň 47-njisi Saud Arabystanynyň çöllüklerinde dowam edýär. ■ 7

**Ýylyň garaşylýan filmleri – 1**
Her ýylda dünýäde ortaça, 7-8 müň film surata düşürilýär. Şolaryň agramly bölegi amerikan hem hindi filmleridir. ■ 8

# Bilelikdäki ykdysady sebit dörediler

■ Malaýziýa we Singapur global maýa goýumlary çekmek maksady bilen bilelikdäki ykdysady zolagy dörederler. Bu mynasybetli Malaýziýanyň Putrajaýa Federal sebitinde geçirilen dabara ýurduň Premýer-ministri Enwer Ibrahim hem-de onuň singapurly kärdeşi Lawrense Wong gatnaşdy. Ýokary derejeli dabarada bilelikdäki ykdysady zolagy döretmek barada degişli resminama gol çekildi. Ykdysady sebit Malaýziýanyň günortasyndaky Johor welaýatynda gurlar.



Bu ýerde dürli pudaklara degişli taslamalar durmuşa geçirilende salgyt ýeňillikleri hödürlener. Sebitde awiasiýa, önümçilik, syýahatçylyk, energiýa we saglygy goraýyş ýaly ugurlara degişli taslamalar durmuşa geçiriler. 5 ýylyň dowamynda 50 taslamanyň durmuşa geçirilmegine we 20 müň ýokary hünär talap edýän iş ornunyň döredilmegine garaşylýar. Malaýziýa üstümizdäki ýylda Günorta-gündogar Aziýa Milletler Bileleşigine (ASEAN) hem başlyklyk edýär.

**Yslamberdi TYLLANUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# «Getty Images» we «Shutterstock» birleşer

■ Müşderilerini surat, wideo, aýdym-saz bilen üpjün edýän «Shutterstock» hem-de «Getty Images» kompaniýalary birleşer. «Getty Images»-iň ýolbaşçysy Kreg Peters pudakda gyzykly suratlara islegiň çalt depginde ýokarlanmagy bilen iki kompaniýanyň birikmegi üçin iň amatly wagtyň gelendigini aýtdy.




Kompaniýalar birleşenden soňra «Shutterstock»-yň paýdarlary nagt pul, «Getty Images»-iň paýdarlary paýnama ýa-da şonuň başga nusgasyny alyp bilerler. Birleşen kompaniýa «Getty Images» adyny saklap galar hem-de Nýu-Ýorkuň biržasynda GETY ady bilen amalyny dowam etdirer.

**Taňryguly REJEPOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň tehniki işgäri.*

# Tehnologiýa täze iş orunlaryny döreder

■ Bütindünýä Ykdysady Forumy «Hünärleriň geljegi 2025» atly maglumat taýýarlady. Maglumatda tehnologik ösüşleriň, demografik üýtgeşmeleriň we geoykdysady ýagdaýlaryň täze iş orunlaryny döretjekdigi bellenilýär. Agzalýan üýtgeşiklikler onýyllygyň ahyryna çenli 170 million täze iş ornuny emele getirer. Emma bu üýtgeşmeler häzirki bar bolan 92 million iş ornunyň ýok bolmagyna getirer. Şeýlelikde, 2030-njy ýyla çenli 78 million täze iş orny peýda bolar.



Täze iş orunlarynyň bir bölegi tehnologiýa, maglumat we emeli aň bilen bagly bolar. Bulardan başga-da, eltip bermek, okuw we oba hojalygy ýaly ugurlarda iş orunlary emele geler.

Maglumatda iň köp zerurlyk duýuljak hünärleriň arasynda oba hojalyk işgäri, ýeňil ýük ulagynyň sürüjisi, programma üpjünçiligi hünärmeni, gurluşyk ussasy, satyjy, şepagat uýasy ýaly dürli pudaklara degişli hünärler bar. Kassir, arassaçylyk işgäri, çaphana işgäri, hasapçy ýaly hünärlere bolsa zerurlygyň azaljakdygy bellenilýär.

**Ýusup PÜRLIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# Emeli aň tehnologiýasyna has köp maýa gönükdirer

■ Bölek söwda kompaniýasy bolan «Amazon» emeli aň tehnologiýasyna has köp maýa goýum gönükdirmegi meýilleşdirýär. Kompaniýanyň «Amazon Web Services» (AWS) hyzmatynyň emeli aň infrastrukturasyny kämilleşdirmek üçin 11 milliard dollarlyk maýa goýum taslamasy durmuşa geçiriler.



Onuň çäklerinde ABŞ-nyň Jorjiýa ştatyndaky maglumat merkezi kämilleşdiriler, bu ýerde azyndan 550 täze iş orny dörediler. Kompaniýa emeli aň tehnologiýasynyň ösen «bulut» infrastrukturasyna zerurlyk duýýandygyny mälim etdi.

**Kuwwat ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Iň yssy ýyl boldy

■ Howanyň üýtgemegi boýunça Ýewropanyň «Copernicus» gullugy geçen ýylyň 1850-nji ýyldan bäri iň yssy ýyl bolandygyny mälim etdi. 2024-nji ýylda Ýeriň ortaça temperaturasy 15,10 dereje boldy. Bu görkeziji 1991-2020-nji ýyllar aralygyndaky ortaça temperaturadan 0,72 dereje, 2023-nji ýyldakydan 0,12 dereje ýokarydyr.



Şeýlelikde, 2024-nji ýyl senagatdan ozalky döwür hasap edilýän 1850-1900-nji ýyllaryň ortaça temperaturasyndan 1,5 dereje yssy boldy. Gullugyň maglumatyna görä, gündelik ortaça iň ýokary temperatura 22-nji iýulda hasaba alnypdyr. Şol gün planetamyzyň howasy ortaça 17,16 dereje bolupdyr. Geçen ýylyň tomus aýlary hem iň yssy tomus pasly bolupdyr.

**Sülgün OWWADOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň magistranty.*

# ÝAŞLAR ÜÇIN GYMMATLY GOLLANMA

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Munuň özi kitabyň gymmatyny has-da artdyrýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu çeper we ylmy-filosofik eseri watandaşlarymyzyň her biri üçin durmuşda we döredijilikde şamçyragdyr. Şeýle eserler ýaş nesilleri watançylyk, arassa ahlaklylyk, belent ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekde gymmatly hazynadyr.



Kitapda şahyryň edebi mirasynyň häzirki döwürde halkara gatnaşyklary berkitmekde we halklaryň arasynda medeni dialogy ilerletmekde möhüm ähmiýete eýe bolýandygy aýratyn bellenilýär. Bu babatda hormatly Prezidentimiz Magtymguly Pyragyny «Agzybirligiň ündewçisi» diýip atlandyrýar. Şol bir wagtda, ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasy esasynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmeginiň özeninde hem ussadyň ynsanperwer pikir-garaýyşlarynyň durandygyna ünsi çekýär.

Kitabyň mazmuny «Magtymgula düşünmegiň açary», «Magtymguly Pyragy mekdebi we türkmen magtymgulyşynaslary», «Pähim-paýhas ummany», «Parahatçylygyň şahyry», «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň şahyry», «Halk ýadyndan aýrylma», «Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bilen bagly kabul edilen resminamalar, gutlaglar we çykyşlar», «Hakyň hem hakykatyň ýolunda» atly bölümleriň sekizisinde beýan edilýär. Kitap ýokary çaphana usulynda neşir edilip, üç dilde – türkmen, rus we iňlis dilleriniň hersinde aýratyn kitap görnüşinde giň halk köpçüligine ýetirildi. Onuň sahypalarynda şekillendiriş sungatynyň dürli eserleriniň suratlary hem ýerleşdirilip, kitap owadan fotosuratlar bilen bezelipdir.

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# ŞANLY WAKALAR ÜSTÜNLIKLERE BADALGA





**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Geçen ýyl bereketli topragymyzda öndürilýän pagtanyň we bugdaýyň döwlet satyn alyş nyrhlary ýokarlandyryldy. Edermen daýhanlarymyz Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak ýokary hilli bugdaý tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamany üstünlikli ýerine ýetirdiler. Bu işler bilen bir hatarda, ýurdumyzyň oba hojalyk pudagynyň kanunçylyk binýadynyň hem-de önümçilik gatnaşyklarynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi netijesinde daýhanlarymyza öndürijilikli zähmet çekmäge we bol hasyl almaga ähli mümkinçilikler döredilýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly ajaýyp goşgusyndan şygar alan geçen ýylyň dowamynda ýurdumyzda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli döwlet we halkara derejede birnäçe çäreler, maslahatlar geçirildi. Umuman, 2024-nji ýyl uly zähmet üstünliklerine beslendi, berkarar Watanymyzyň şan-şöhraty has-da beýgeldi.

Geljege gönükdirilen uly maksatlar öz miwelerini hem berýär. Olary amala aşyrmak hem hakyky hünär eýelerine, öz işiniň ussatlaryna bagly bolýar. Şoňa görä-de, döwrebap hünärmenleriň ýetişdirilmeginiň tutuş ýurduň geljekki ösüşine dahyllylykda örän möhüm ähmiýete eýedigi özözünden düşnüklidir. Bu günki üstünlikler ertirlere ynam-umyt, ylham-ganat berýär. Ýetilen sepgitler bolsa ýagty geljek üçin täze gözýetimleri açýar.

**Abatgylyç NAZAROW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Şabat etrap birleşmesiniň başlygy.*

# Ýiti respirator keseline garşy geçirilýän sanjym işleri we onuň ähmiýeti

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ilatymyzyň sagdynlygyny goramak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda geçirilýän işleriň hatarynda keselleriň öňüni almak, ýokanç keselleri düýbünden ýok etmek boýunça geçirilýän möhüm çäreler giň gerimde ýaýbaňlanýar.

Öňüni alyş sanjymlary ýurdumyzda ýokary derejede alnyp barylýar. Çagalaryň we uly ýaşly adamlaryň arasynda keselleriň öňüni alyş sanjymlarynyň ýaşyna görä we köpçülikleýin ýerine ýetirilmegi netijesinde ýurdumyzda birnäçe ýokanç keseller düýbünden ýok edildi. Bu keselleriň düýbünden ýok edilmegi halkara guramalar tarapyndan ykrar edildi we degişli güwänamalar bilen tassyklandy. Häzirki wagtda hem öňüni alyş sanjymlary geçirilýär. Keselleriň garşysyna sanjym işleri ýurdumyzda keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmekde, abadançylygy üpjün etmekde ygtybarly serişde bolup durýar.

Bu geçirilýän keselleriň öňüni alyş çäreleri örän möhüm çäredir. Ýurdumyzda her ýylda Immunizasiýa hepdeligi keselleriň öňüni almak maksady bilen geçirilýär. Şeýle hem möwsümleýin ýiti respirator keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny almak barada lukmanlar we şepagat uýalary tarapyndan ilatyň arasynda wagyz-nesihat işleri alnyp barylýar. Öňüni alyş sanjymlary döräp biläýjek birnäçe ýokanç keselleriň öňüni almakda örän wajypdyr. Mundan başga-da, ululary we çagalary dürli kesellerden goramak üçin keseliň öňüni alyş sanjymlaryny öz wagtynda almalydygy barada gürrüňdeşlikler hem geçirilýär.



Çagalary döräp biläýjek dürli kesellerden goramak zerurdyr. Aýratyn hem çaga iki ýaşaýança sanjym çärelerini geçirmäge uly üns bermelidigi, çaga lukmanyň görkezmesi bilen sanjym edilýändigi barada hemişe düşündiriş işleri geçirilýär. Her bir çaganyň ýaşyna görä sanjymlar öz wagtynda doly we dogry edilse, onda sanjymlaryň netijesi has hem artar we çaga kesellerden goragly bolar.

Meýilnama boýunça sanjym ediljek raýatlar üçin ýörite ýazuwlar geçirilýär we öňüni alyş sanjymlary edilýär. Bu edilýän sanjymlar bedeniň göreşijilik ukybyny güýçlendirýär. Lukmanlar we şepagat uýalary tarapyndan sanjym ýörite meýilnama esasynda Saglyk öýlerine çagyrylyp degişli tertipde ýerine ýetirilýär.

Sagdyn durmuş ýörelgelerini durmuşa ornaşdyrmak, ynsan saglygyny berkitmek, dikeltmek, pugtalandyrmak, keselleriň öňüni almak we olary wagtynda ýüze çykarmak we bejermek, adamyň ömrüni uzaltmak, berk bedenli ýaş nesilleri kemala getirmek, bedenterbiýäni we sporty giňden wagyz etmek, arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmek, ukyny doly we kadaly almak sagdyn durmuş ýörelgeleriniň esasy sütünleridir.

Döwletimiz tarapyndan raýatlaryň saglygy we abadançylygy hakynda hemişe alada edilýär. Adam ömrüniň dowamlylygyny artdyrmakda onuň öz saglygy barada aladalanmagy, özüni alyp barşy, zähmet bilen dynç alşy sazlaşdyrmagy, sagdyn we kadaly iýmitlenmegi, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy, işjeň hereketde bolmagy möhüm bolup durýar. Bu düzgünler berjaý edilse sagdyn, berk bedenli hem-de uzak ýaşamaga ýardam berer. Munuň üçin zyýanly endiklerden daşda durmaly. Diňe sagdyn durmuş ýörelgelerine eýerip ýaşamaly. Şeýle edilende sagdyn we berk bedenli bolmaga, ömür dowamatynyň artmagyna mümkinçilik döreýär.

**Jeren JUMAÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 5-nji Saglyk öýüniň baş lukmany.*

# Halkara forumlar we sergiler hyzmatdaşlygy ösdürmäge itergi berýär

Türkmenistan halkara sergileriň we forumlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Ýurdumyzda halkara derejeleri maslahatlar, forumlar we sergiler her ýyl ýokary guramaçylyk esasynda geçirilýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli 2025-nji ýylda hem ýurdumyzda köpsanly forumlar, maslahatlar we sergiler guralar. Olaryň hatarynda «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly hususy pudaga maýa goýumlary çekmek boýunça halkara forumy hem-de Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forumy agzamak bolar.



Şeýle hem üstümizdäki ýylda ýurdumyzda her ýyl geçirilýän hem-de däbe öwrülen «Ak şäherim Aşgabat» atly XXIV köpugurly halkara sergi, «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergisi we ylmy maslahat, «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025» atly halkara maslahat we sergi, Telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň «Türkmentel – 2025» atly halkara sergisi we ylmy maslahaty geçiriler.

Mundan başga-da, halkara hyzmatdaşlygy babatda daşary ýurtlaryň ýurdumyzda sergileri ýa-da forumlary hem göz öňünde tutulýar. Köp ýyllardan bäri geçirilip gelinýän, ýurdumyzyň esasy söwda we ykdysady hyzmatdaşy bolan Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisini hem 2025-nji ýylda guramak meýilleşdirilýär.

Şol bir wagtda ýurdumyzda täze geçirilip başlanan halkara forumdyr sergileri hem guramak göz öňünde tutulýar. Olaryň hatarynda «Türkmenistanda halkara ölçeglerine laýyk gelýän hil üpjünçiligi» atly halkara maslahatyny, «Turkmentextile Expo - 2025» atly halkara sergi-ýarmarkasyny hem-de «Kids Expo: ähli zat çagalar üçin» halkara sergi-ýarmarkasyny bellemek bolar.

Şeýle halkara forumlar we sergiler ýurdumyzyň halk hojalygynyň dürli pudaklarynda halkara hyzmatdaşlygyny has-da işjeňleşdirmäge uly itergi berýär.

**Sapa DÖRTGULYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Gämi gurluşygynda möhüm tapgyr

Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzda halkara ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda möhüm işler amala aşyrylýar. Bu bolsa hyzmatdaşlygyň hil taýdan täze derejelere göterilmegine oňyn täsirini ýetirýär. Ýurdumyzdaky düýpli özgerişlikleriň bir ugry ulag-üpjünçilik ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup durýar. Ulag-ýol ulgamynyň önümçilik mümkinçilikleri artdygyça ýollarymyzdaky oňyn mümkinçilikler hem artýar.



Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzy ykdysady taýdan ösdürmek, ulag toplumynyň gerimini we mümkinçiligini giňeltmek, husasanda deňiz we derýa ulaglarynyň kuwwatyny ýokarlandyrmak, şeýle hem ýurdumyzda täze agyr senagaty bolan gämi gurluşyk pudagyny ösdürmekde uly işler alnyp barylýar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ilkinji günlerinde «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda möhüm çäreleriň biri boldy. Bu zawodlar toplumynda ýük göterijiligi 6100 tonna bolan ýük gämileriň gurluşygynyň nobatdaky tapgyry amala aşyrylyp, esasy böleklerini gurnamak işlerine girişildi.

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň degişli Kararyna laýyklykda, «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody bilen Koreýa Respublikasynyň «Koryo Shipbuilding Industry Technology Co., Ltd.» kompaniýasynyň arasynda ýük göterijiligi 6100 tonna bolan iki sany gury ýük gämilerini bilelikde gurmak barada şertnama gol çekildi. Agzalýan resminama Türkmenistanyň ulag ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny kämilleşdirmek maksady bilen kabul edildi.

Şeýlelikde, 2024-nji ýylyň awgust aýynda ilkinji gämileriň gurluşygyna başlanyp, 2024-nji ýylyň 11-nji noýabrynda gämi gurluşygynda möhüm tapgyra ýetildi – gurulýan gämileriň ilkinji bloklary gurluşyk meýdançasyna çykaryldy. Bu tapgyr zawodyň hünärmenleriniň kämilliginiň we ulanylýan tehnologiýalaryň netijeliliginiň subutnamasy bolup durýar.

**Daýanç HUDAÝBERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Irden kofe içmek peýdaly

Dünýäniň iň geçginli harytlarynyň biri bolan kofeniň saglyga peýdasy barada yzygiderli barlaglar geçirilýär. Golaýda hem şeýle barlaglaryň biriniň netijeleri ýaýradyldy. 10 ýylyň dowamynda 40 müň adamda geçirilen barlagda içilýän wagtyna görä kofeniň täsiri barlanypdyr. Netijede, kofeni ir bilen içmegiň has peýdalydygy ýüze çykarylypdyr. Güne kofe bilen başlamak ýüregiň saglygyna has ýaramly eken. Bilermenleriň bellemegine görä, günüň dowamynda kofe içmek irden içilen kofeniň täsirini azaldýar. ABŞ-nyň Täze Orlean ştatyndaky Luizinanyň Tuleý uniwersitetiniň bilermeni, professor Lu Si esasy zadyň kofe içip, içmezlik ýa-da näçeräk içmeklik däl-de, günüň haýsy wagtynda içilendigininiň ähmiýetlidigini aýdýar. Ol häzirki wagtda dietologlaryň kofeniň wagty barada maslahat bermeýändiklerini, emma geljekde şeýle maslahatyň berlip bilinjekdigini aýtdy.

Ylmy barlagyň netijeleri «European Heart Journal» neşirinde çap edildi.

**Ogulsadap DURDYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*



# Ýylyň güýçli pasportlary

Şeýle at bilen her ýyl sanaw taýýarlanýar. Sanaw ýurtlaryň raýatlarynyň pasportlary bilen näçe döwlete ygtyýarnamasyz girip biljekdigine görä taýýarlanýar. «Henley & Partners» maglumat beriş kompaniýasy tarapyndan taýýarlanan sanawda Singapur birinji orny eýeleýär. Ykdysady taýdan ösen bu ýurduň raýatlary dünýäniň 195 döwletine we sebitine wizasyz baryp bilýärler. Maglumat beriş kompaniýasy sanawy taýýarlanda Halkara awiasiýa gatnaw bileleşiginiň (IATA) resmi maglumatlaryna salgylanýar. Ikinji orundaky Ýaponiýanyň raýatlary bolsa, 193 ýurda wizasyz girip bilýär. Germaniýa, Fransiýa, Finlýandiýa, Italiýa, Ispaniýa we Koreýa Respublikasy üçünji orny paýlaşdy. Dünýäniň 192 ýurdy bu döwletleriň raýatlaryndan wiza talap etmeýär.



Awstriýa, Daniýa, Irlandiýa, Lýuksemburg, Niderlandlar, Norwegiýa we Şwesiýa dördünji ýeri eýeledi. Belgiýa, Täze Zelandiýa, Portugaliýa, Şweýsariýa we Birleşen Patyşalyk bu ýurtlaryň raýatlary dünýäniň 190 döwletine ygtyýarnamasyz gitmek hukugyna eýe bolup, sanawda bäşinji ýeri eýelediler.

Altynjy orunda Awstraliýa, Gresiýa, ýedinji ýerde Polşa, Malta, Kanada, sekizinji ýerde Çehiýa, Wengriýa, dokuzynjy ýerde ABŞ, Estoniýa hem-de ilkinji onlugyň soňky basgançagynda Litwa, Latwiýa, Sloweniýa, Birleşen Arap Emirlikleri bar.

**Myrat ŞAMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Arkadag şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, maýor.*

ZAMAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 10-y, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115534
Belgisi: 2/1620
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Parahatçylyk we ynanyşmak – türkmen diplomatiýasynyň ýörelgesi

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Resminamada bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe özgertmeleriň we ösüşleriň ýoly bilen ynamly öňe barýan ata Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy döwletleriň hem-de halklaryň arasynda özara düşünişmek, netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny has-da giňeltmek üçin täze mümkinçilikleri açýar.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgeleriniň daşary syýasatda durmuşa geçirilmeginiň ýollary anyk kesgitlenen. Parahatçylygy üpjün ediji merkez hökmünde ykrar edilen Türkmenistan sebit hem-de halkara ähmiýetli möhüm meseleleri çözmekde işjeň orun eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň çäklerinde öňe süren başlangyçlarydyr teklipleri parahatçylygy hem-de howpsuzlygy üpjün etmek, Durnukly ösüş maksatlaryny iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça köptaraplaýyn tagallalary birleşdirmek üçin berk esasa öwrülýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Bitaraplyk syýasatymyzy yzygiderli dowam etdirýäris. Ýurdumyzyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş boýunça möhüm Kararnamalaryň uly toplumynyň kabul edilmegi dünýäde hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam berýär, Bitarap Watanymyzyň at-abraýyny has-da pugtalandyrýar» diýip belleýşi ýaly, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk ýörelgeleri hil taýdan baýlaşdyrylýar we çuň mazmunly syýasata öwrülýär. Bu bolsa, demokratik, hukuk, dünýewi, parahatçylyk söýüji döwletimiziň halkara at-abraýyny has-da belende göterýär.

Täze taryhy döwrümizde Gahryman



Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ata Watanymyzda parahatçylyk taglymatynyň ýörelgeleri has-da dabaralanýar. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet bolmagy diňe bir sebitde däl, eýsem, bütin dünýäde taryhy zerurlyk bolup orta çykdy.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilmegi bolsa ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň sebitde, bütin dünýäde parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmek babatda möhüm ähmiýete eýediginden habar berýär.

Türkmenistan halkara giňişlikde möhüm başlangyçlary öňe sürmek bilen, olaryň dünýä jemgyýetçiliginiň bähbitlerine laýyk gelmegini ileri tutýar. Tagallalary birleşdirmek, yzygiderli bilelikdäki işe daýanmak Türkmenistanyň daşary syýasatynyň kesgitleýji şerti, filosofiýasy bolup durýar. Hususan-da, ýurdumyz döwletara gatnaşyklarda we diplomatiýada «Dialog – parahatçylygyň kepili» ýörelgesini ilerledýär. Çünki özara hormat goýmak, deňhukuklylyk ýörelgeleri esasyndaky gatnaşyklara ukyply we taýýar bolmak häzirki günde parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmegiň esasy şertleriniň biri bolup durýar.

«Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog – parahatçylygyň kepili» ýaly ýurdumyzyň halkara giňişlikdäki täze başlangyçlary türkmen halkynyň milli taryhy tejribesinden, şol sanda Magtymgulynyň ýaşaýyş filosofiýasyndan gözbaş alýar. Bu başlangyçlar we ýörelgeler, hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly, şu günüň rahatlygyny, geljegiň aýdyňlygyny gazanmaga gönükdirilendir.

**Orazgül ŞYHYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Ata Watanymyz bagtyýar çagalygyň mekany

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şu nukdaýnazardan ýaş nesilleriň döwrebap ruhda terbiýelenmegi, bilim almagy, sagdyn durmuş ýörelgesine eýermegi üçin döwletimizde amala aşyrylýan beýik işler ýaş nesilleriň her biriniň ýüreginde söýgi, mähir döredýär. Ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly öňe barýan döwletimiz bagtly, bagtyýar çagalaryň mekanydyr.

Ýaş nesliň kämil terbiýe we çuňňur bilim almagy, tebigy zehinleriniň açylmagy üçin uly mümkinçilikler döredilýär. Ata Watanymyz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde zehinli çagalary ýüze çykarmak we olary çeper döredijilige ruhlandyrmak maksady bilen Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy tarapyndan birnäçe döredijilik bäsleşikleri yzygiderli geçirilýär.



Ýurdumyzyň nurana geljegini gurujylar bolan ýaşlaryň hemmetaraplaýyn bilimli-terbiýeli, hünär eýeleri hem-de zähmetsöýer bolup ýetişmekleri aýratyn ähmiýetlidir. Täze ýylyň ilkinji günlerinde geçirilen döredijilik bäsleşigi hem ýaş zehinli nesilleri ýüze çykarmakda uly ähmiýete eýe boldy.

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi tarapyndan aýratyn tapawutlanan zehinli çagalara Gulbaba adyndaky Çagalar baýragynyň gowşurylyş dabarasy boldy. Baýraga çagalaryň 90-sy, çagalar döredijilik toparynyň bolsa 2-si mynasyp bolmagy başardy.

Ýurdumyzyň zehinli çagalaryna we çagalar döredijilik toparlaryna Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň Gulbaba adyndaky Çagalar baýragynyň gowşurylyş dabarasy täze 2025-nji Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dabaralary bilen utgaşyp ýokary ruhubelentlige, şatlyk-şowhuna beslendi.

Gysga ömründe ýakymly sesi, saýrak owazy bilen sungat äleminde şan-şöhrata eýe bolan we halkymyza miras goýan aýdymlary bilen ýurdumyzyň milli aýdym-saz sungatynyň altyn hazynasynda baky orun alan Gulbabanyň hormatyna 2002-nji ýyldan bäri, her ýylda täze ýylyň başynda okuwda, sportda, aýdym-saz äleminde, ukyp-başarnykda deň-duşlaryndan saýlanan zehinli çagalara Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Gulbaba adyndaky Çagalar baýragynyň gowşurylmagy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen türkmen halkynyň medeni-mirasynyň, aýdym-saz sungatynyň taryhynda öçmejek yz goýan şahsyýetlerimize goýulýan hormat-sarpanyň aýdyň nyşanydyr.

Türkmenistanda Ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021-2025-nji ýyllar üçin döwlet maksatnamasyna laýyklykda giň dünýägaraýyşly, kämil ýiti zehinli ýaşlaryň kemala gelmegi üçin ýerine ýetirilmeli çäreleriň tassyklanan meýilnamasy hem-de «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi döwletimizde ýaşlara berilýän üns-aladanyň ýokarydygyny alamatlandyrýar.

**Aýjeren PÄLWANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Oba hojalygynda ýetilen sepgitler

Tamamlanan 2024-nji ýylda ýurdumyzyň ähli pudaklary bilen bir hatarda oba hojalygynda hem uly üstünlikler gazanyldy. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, oba hojalyk pudagyny özgertmek boýunça işler dowam etdirildi. 2024-nji ýylda içerki bazary maldarçylyk we oba hojalyk önümçiligi babatda öz önümlerimiz bilen üpjün etmek babatdaky obasenagat önümçiligi has pugtalandyryldy.

Geçen ýyl oba hojalyk pudagyny ösdürmek boýunça kabul edilen möhüm çözgütleriň biri hem Oba hojalyk ministrliginiň gurluşygy üýtgetmek we bu pudakda 5 sany iri edaralary döretmek boldy. Tamamlanan ýylda «Türkmengallaönümleri» döwlet birleşigi, Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşigi, Türkmenistanyň Maldarçylyk we guşçulyk senagaty döwlet birleşigi, «Türkmenobahyzmat» hem-de «Türkmenpagta» döwlet konserni döredildi.



2024-nji ýylda 1 million 400 müň tonnadan gowrak guşgursak bugdaý hasyly ýygnaldy we 690 müň gektara bugdaý ekildi. Mundan başga-da, bugdaýyň we pagtanyň satyn alyş nyrhlary köpeldildi. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň Ylmy-barlag institutlary döredildi. Şeýle hem «Serdar», «Arkadag», «Pyragy» atly bugdaý sortlary döredilip, olar halkara oba hojalyk bilermenleriniň ýokary bahasyna mynasyp boldy.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli durmuş-ykdysady maksatnamalarda ilatyň arassa agyz suwy bilen üpjün edilmegi esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Ýurdumyzyň şäherleriniň, obalarynyň suw üpjünçiligini gowulandyrmak, suw howdanlarynyň göwrümini, derýalaryň, suwaryş we lagym ulgamlarynyň geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar. Geçen ýylyň ahyrynda Tejen şäherinde kuwwatlylygy bir gije-gündizde 30 müň kub metr bolan suw arassalaýjy desga, şeýle hem Ak bugdaý etrabynda kuwwatlylygy bir gije-gündizde 15 müň kub metr bolan lagym suwuny arassalaýjy desga açylyp ulanmaga berildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dünýä hojalyk ulgamyna işjeň goşulyşýan ata Watanymyzyň ykdysadyýeti bedew bady bilen ösýär. Amala aşyrylýan şeýle özgertmeleriň gözbaşynda daýhany ýeriň hakyky eýesi etmek we milli ykdysadyýetimiziň bu pudagyny has-da ösdürmek wezipesi bar.

**Döwletgeldi HARAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge uly ähmiýet berilýär

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şular bilen birlikde, pudaklarda önümçiligiň öňdebaryjy tejribelerini ornaşdyrmak, öndürilýän önümleriň möçberini artdyrmak; oba hojalygyny döwrebaplaşdyrmak we sanlylaşdyrmak, maýa goýumlaryň möçberini artdyrmak, şol sanda adam maýasyny ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlary çekmegiň gurallarynyň dürli görnüşlerini giňeltmek; şähergurluşyk we ýaşaýyş jaý maksatnamalaryny durmuşa geçirmegi dowam etdirmek; döwlet-hususy hyzmatdaşlygy güýçlendirmek, kiçi we orta telekeçilige goldaw bermek, ykdysadyýetiň daşarky täsirlere durnuklylygyny ýokarlandyrmak meseleleri hem aýratyn üns merkezinde bolar.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen döwlete dahylsyz pudaga berilýän yzygiderli goldawlar esasynda hususy pudagyň ösdürilmegi, telekeçileriň milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda netijeli işleri alyp barmaklary üçin hem zerur şertler döredilýär. Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi mundan beýläk-de höweslendirmek, döwlet goldawyny bermek arkaly hususyýetçiligi ilerletmek, jemi içerki önümiň möçberindäki döwlete dahylsyz bölegiň paýyny 2025-nji ýylda 71,6 göterime ýetirmek göz öňünde tutulýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň hususy böleginiň ägirt uly serişdelere eýedigini belleýär. Şoňa görä, bu günki gün telekeçiler ähli pudaklaryň işjeňleşdirilmeginde möhüm orny eýeleýärler.

Diýarymyzda kiçi we orta telekeçiligi sazlaşykly ösdürmek, hususy başlangyçlary goldamak üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe-durmuş şertleri döredildi. Munuň özi te-



lekeçilik düzüminiň, salgyt ulgamynyň esaslarynyň kämilleşdirilmeginde, eksport-import amallarynyň geçirilmeginiň, ýer böleklerini bölmegiň tertibiniň, ýeňillikli karzlary bermegiň ýönekeýleşdirilmeginde hem-de telekeçiler üçin karzlary, gümrük we söwda amallaryny resmileşdirmegiň kadalarynyň ýeňilleşdirilmeginde öz beýanyny tapýar. Bu çäreler 2018 – 2024-nji ýyllarda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça Döwlet maksatnamasyny yzygiderli durmuşa geçirmegiň çäklerinde amala aşyrylýar. Bu resminama Türkmenistanda hususy önüm öndürijileriň işlerini işjeňleşdirmek arkaly durmuş-ykdysady ösüşiň ýokary depginleriniň saklanylmagyna gönükdirilendir.

Häzirki wagtda Türkmenistanda berk ykdysady binýada esaslanyp, makroykdysady durnuklylygy we jemi içerki önümiň ösüş depgininiň ýokary derejede saklanmagyny üpjün etmekde, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmakda uly üstünlikler gazanylýar. Bu ýylda sebitde geosyýasy ýagdaýyň durnukly saklanyp galan şertlerinde jemi içerki önümiň depgini 6,3 göterim derejede bolar diýlip çaklanylýar. Şunda ýurdumyzyň makroykdysady görkezijileriniň, ilkinji nobatda, jemi içerki önümiň ösüş depgininiň ýokary derejede saklanmagy döwletimiziň ykdysady howpsuzlygyna, senagat-innowasion ösüşe gönükdirilen ugurlar boýunça pudaklarda dowam etdirilýän özgertmeleriň, çig maly gaýtadan işleýän täze pudaklary döretmek bilen, olary diwersifikasiýalaşdyrmagyň, hereket edýän kärhanalary döwrebaplaşdyrmagyň, ýokary goşulan gymmaty bolan önümçilikleri artdyrmagyň hasabyna amala aşyrylar.

**Hijran AKMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Kämil hünärmenler taýýarlanýar

Häzirki wagtda ýurdumyzda ylym öwrenmek, ýaşlary bilimli edip terbiýeläp ýetişdirmek milli ýörelgelerimiziň biridir. Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda «Ylym netijeli ösüşleriň esasy çeşmesidir, täze açyşlara ruhlandyrýan güýçdür. Eziz Watanymyzda ylmy we bilimi ösdürmek, ykdysadyýetimiziň pudaklaryna ylmyň täze gazananlaryny ornaşdyrmak, ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny artdyrmak biziň baş maksatlarymyzyň biri bolup durýar. Şunda aýdyň maksatlary we meýilnamalary özlerine ýörelge edinen ýaş alymlaryň ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça gazanýan döredijilik üstünlikleri, ylmy açyşlary döwletimiziň mundan beýläk-de gülläp ösmegi üçin täze mümkinçilikleri açýar» diýip belleýär. Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, geljegimiziň berk binýady bilimli ýaşlar bilen berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem dünýä ylmynyň gazanan iň döwrebap usullary üstünlikli durmuşa geçirilýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda milli bilim ulgamynda gazanylýan ýokary netijeler, ýaşlaryň hemmetaraplaýyn kämil bilim almagy üçin döredilýän giň gerimli şertler ähli halkymyzy, aýratyn hem biz – bilim işgärlerini çäksiz buýsandyrýar, guwandyrýar. Bilim ulgamynyň maddy-üpjünçilik binýady yzygiderli pugtalandyrylýar, innowasion tehnologiýalaryň, sanly ulgamyň iň täze gazananlary ornaşdyrylýar, okatmagyň usullary döwrüň talaplaryna laýyklykda ýylsaýyn kämilleşdirilýär.

Halkymyzda «Dil bilen köp biler», «Diller dünýä ýol açýar» diýilýär. Dil bilmek adamzat medeniýetine, kämil ylym-bilim dünýäsine aralaşmagyň, giň dünýägaraýşyň açarydyr. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň daşary ýurtlar bilen dürli ugurlardaky hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklary dünýä dillerini gowy bilýän kämil hünärmenleriň taýýarlanylmagyna zerurlygy artdyrýar. Dünýä halklary bilen dost-doganlyk



gatnaşyklaryny ýola goýmakda, olaryň milli ýörelgelerini, medeniýetini, däp-dessurlaryny öwrenmekde dil bilmek esasy serişde bolup durýar. Şu jähetden, ýokary okuw mekdebimizde hem talyp ýaşlara iňlis dilini çuňlaşdyryp öwretmek, nazary we amaly bilimlerini berkitmek, olarda iňlis dilini çuňňur öwrenmäge bolan höwesi artdyrmak ugrunda yhlas-başarnygymyzy gaýgyrmaýarys. Munuň üçin sözleýiş dilini köp ulanyp, talyplaryň söz baýlygyny artdyrmaga, sapaklary sorag-jogap arkaly gurnap, sözleýiş dilini ösdürmäge köp üns berýäris. Görkezme esbaplaryndan, wideoşekilli görnüşlerden peýdalanmak, terjime etmek, sowal-jogap alyşmak ýaly usullaryň ulanylmagy ýaşlaryň dil baýlygynyň ösdürilmegine oňyn täsir edýär. Daşary ýurt dillerini öwretmegi kämilleşdirmek boýunça ýokary okuw mekdepleriniň arasynda sanly ulgam arkaly ylmy maslahatlaryň, dürli dil bäsleşikleriniň yzygiderli geçirilmegi talyp ýaşlarda daşary ýurt dillerine gyzyklanmanyň has-da artmagyna ýardam edýär. Hormatly Prezidentimiziň ýaşlara, bilim ulgamynyň işgärlerine bildirýän bu beýik ynamyny ödemek biziň mukaddes borjumyzdyr. Biz özümiz hakynda edilýän aladalara jogap edip, ähli gujur-gaýratymyzy gaýgyrman zähmet çekip, öz bilimimizi yzygiderli kämilleşdirip, ýaş nesilleri mynasyp terbiýelemelidiris.

Berkarar Watanymyzda biz – mugallymlar üçin şeýle mümkinçilikleri döredip, milli bilim ulgamyny ösüşleriň belent sepgitlerine ýetiren Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaç alsyn!

**Rustam BAÝRAMGELDIÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# Gyşyň güni kyrk tüýsli

Tebigatymyza bezeg berýän pasyllar özboluşlylygy, gözelligi, görnüş aýratynlygy bilen ynsan saglygyna, duýgularyna, hatda aňyna hem täsir edýärler. Hut şonuň üçin hem adamlaryň köpüsine öz beden gurluşynda bolup geçýän özgerişlikleri pasyl bilen baglamak mahsusdyr. Gyş paslyna hem şeýle häsiýetler degişli bolup, onuň gelmegi bilen biziň özümizden başlap öýümiziň içine çenli üýtgeşmeler gurşap alýar. Ýyly egin-eşikleri geýip, öýde hem iş ýerlerimizde ýyladyjy enjamlary ulanmak bilen, biz gyş paslynyň sowuk howasynda üşemezlik üçin mümkin bolan şertleri döredýäris.

Eýsem, gyşyň sowuk howasy ynsan saglygyna nähili täsir edýär, bu hakda umumy netijä gelip bolarmy? Sowuk howa ynsanda dümew, sowuklama ýaly sökellikleri döretmäge golaý bolsa-da, peýdaly taraplary hem bar. Muny bilmek we ondan peýdalanmak saglygymyzy berkitmäge oňyn täsir eder.

Gyşyň peýdaly taraplarynyň biri, ekologiýanyň görnetin gowulanmagydyr. Bu pasylda kislorod öňküden 1,5 esse artyp, adama arkaýyn dem almaga mümkinçilik döredýär. Üstesine, howanyň sowukdygy sebäpli onuň düzüminde zyýanly mikroblar hem juda az bolýar.



Sowugyň ýene bir tarapy hem, adamyň endamyndaky döwük-ýenjik ýa-da çişen ýerleri bejermäge ukyplylygydyr. Biz durmuşda muny bedenimiziň zeper ýeten ýerlerine buz böleklerini ýa-da sowuk suwa ezilen sütükli matany ýapmak arkaly bejerenimizde hem göz ýetirýäris. Eger-de kelle dowamly agyrýan bolsa, onda sowuk howada birsalym gezelenç etmek hiç hili derman içmezden saplanmaga peýda edip biler. Şeýle gezelençler sussupeslikden, göwnüçökgünlikden halas edip, şähdiňi açýar. Bu, esasan hem, uzakly gün kompýuteriň başynda oturyp işlemeli bolýan adamlar üçin zerurdyr. Olara gyşyň sowuk howasynda pyýada gezelenç etmek beýni işjeňligini ýokarlandyrmaga, pikirlerini durlamaga, işlemäge bolan höwesi artdyrmaga kömek eder.

Gyş pasly daşaryk çykylanda esasy goralmaly ýerler el-aýak we boýundyr. Eger-de şol beden agzalaryňyz goragly bolmasa egniňize hernäçe ýyly eşik geýeniňiz bilen hem, barybir üşärsiňiz. Sowuk howada daşaryk çykanyňyzda eliňize ellik, aýagyňyza ýyly jorap we aýakgap geýseňiz, onda howanyň sowuklygy size täsir etmez, gaýta arassa howadan dem alyp, saglygyňyzy berkidersiňiz. Elbetde, islendik zada hem çen-çak bilen çemeleşmek ýüze çykyp biläýjek zyýanly ýagdaýlardan goraýar. Bu ätiýaçlygy gyş paslynda hem elden bermän, öz saglygyňyza yzygiderli gözegçilik etmek, ýokumly iýmitler bilen iýmitlenmek arkaly bedeniňizi berkitseňiz, gyş paslynda has sagdyn bolmak mümkinçiligiňiz bardyr.

Goý, durmuşymyzy bezeýän her bir pasylda sagdyn ýaşamak hemmämize nesip etsin!

**Baýnazar ARBADOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Akyldar şahyryň goşgulary – ýaşlar üçin terbiýe mekdebi

Beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň goşgulary ähli döwürleriň ýol görkezijisi bolupdyr. Ýyllaryň jümmüşinden gözbaş alýan bu dürdäne goşgular, halkyň aňyna, ýüregine müdimilik ornaşandyr. Esasan hem, akyldar şahyryň şygyrlarynda mertlik, gaýduwsyzlyk hakyndaky pelsepewi pikirler eriş-argaç bolup geçýär. Magtymguly atamyz öz goşgularynda mertleri taryplap, namartlary bolsa berk ýazgarypdyr:

***Mert çykar myhmana güler ýüz bilen***
***Namart özün gizlär myhman ýoluksa.***

Watan bähbidini il-halk bähbidi bilen baglanyşdyrýan, halkyň erkin durmuşy ugrunda gaýratly göreşen ýigitleri wasp edip, gara nebislerine hyzmat eden namartlary, gorkaklary bolsa pugta ýazgarýan dana şahyryň her setiri ýaşlar üçin terbiýe mekdebidir. Magtymguly Pyragynyň ýaşan döwri aldymberdimli zamana bolupdyr. Göçhä-göçlükler halkyň asuda, parahat durmuşda ýaşamagyna oňaýsiz täsirini ýetiripdir. Ýöne, muňa garamazdan mert, gaýduwsyz türkmen ýigitleri edermenligiň belent nusgasyny görkezip, Watanyny, halkyny gorapdyr:

***Mertler ata çyksa, söweş sarydyr***
***Ýow üstünde ýörär ýoly Gürgeniň.***

Halkyň ýaşaýyş-durmuşyndan söhbet açýan täsirli jümleler milletiň eserine öwrülip, ýüreklerde baky ýaşaýar. Magtymgulynyň edebi mirasy dury akabaly, tämiz gözbaşly çeşmedir. Magtymguly atamyzyň mertligi-edermenligi ussatlyk bilen beýan edýän parasatly goşgulary bu gün ýaşlary batyrlyk, gaýduwsyzlyk ruhunda terbiýelemekde mekdep bolup durýar.

***Ýigit öler ýurt üstünde,***
***Janyn berip ar üstünde,***
***Goç ýigitler il üstünde,***
***Namys bilen ar gerekdir.***



Akyldar şahyr hemişe agzybir bolmagy, bir döwlete gulluk etmegi ündäpdir. Iliň agzy bir bolup, duşmana garşy çyksa, duşmana berk gaýtawul berip biljekdigini goşgularynda giňden beýan edipdir:

***Üç müň naýzabazy bardyr nökerden,***
***Tört müň pildary bar, gala ýykardan,***
***Teke, salyr ýöriş etse ýokardan,***
***Öňünde oý-çukur, ýerdi bilinmez.***

Magtymguly Pyragy il-ýurduny ýürekden söýen, hemişe halkyň aladasy bilen ýaşan şahyrdyr. Şeýle bolansoň, ähli güýjüň-kuwwatyň, adyň-abraýyň iliňe, ýurduňa edýän hyzmatyňa, olara goýýan gadyr-gymmatyňa baglydygyny paýhasa baý şygyrlarynda ussatlyk bilen bermegi başarypdyr. Hut şonuň netijesinde, şahyryň tutuş adamzat üçin bähbitli bolan paýhas ýörelgesi diňe bir şahyryň ýaşan döwründe ähmiýetli bolman, eýsem, ähli döwürler üçin hem gymmatly hazynadyr.

Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhasyndan döräň ajaýyp goşgulary bu günki gün halkymyzyň hasyl bolan köp asyrlyk arzuw-hyýallarynyň senasy hökmünde ýaňlanýar, gadymdan bäri türkmeniň milli ruhunyň sütünini düzýän ajaýyp döredijilik ýörelgeleriniň waspyna öwrülýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Magtymguly Pyragynyň döredijiligini giňden öwrenmäge, wagyz etmäge giň mümkinçilikler döredildi. Türkmen halkynyň akyldar şahyry, nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň döredijiligi, ajaýyp şygyrlary ynsan kalbyny ruhlandyrýar. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň halkara abraýyny has-da beýgeltmek, ony giňden wagyz etmek we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça ýurdumyzda giň gerimli işler alnyp barylýar. Akyldar şahyryň ajaýyp setirleri diňe bir türkmen halkyny haýran galdyrman, eýsem, daşary ýurtlarda hem terjime edilip, höwes bilen okalýar. Şahyryň edebi mirasy, akyl-paýhasa ýugrulan ajaýyp eserleri belent adamkärçiligiň, ylahy päkligiň, ahlagyň, mertligiň, salyhatlylygyň, watançylygyň, ynsabyň ölçeg daşy bolup, türkmen halkynyň arasynda ýaşap gelýär.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# Şygyr äleminiň belent çynary

Geçen ýyl ýurdumyzda we daşary ýurtlarda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy giňden bellenildi. Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) 2024-nji ýyly «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan etdi. Şahyryň golýazmalar toplumy ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizildi. Şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň hataryna goşuldy. Paýtagtymyzyň günorta böleginde Köpetdagyň eteginde Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi we täze medeni-seýilgäh toplumy açyldy. Akyldar şahyryň umumadamzat gymmatlygyna öwrülen goşgulary ýerleşdirilen «Magtymguly» atly kitap çap edildi we dürli dillere terjime dildi.

Täze, 2025-nji ýylyň – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň bosagasynda hormatly Prezidentimiziň 2024-nji – «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň jemlenmegi bilen baglylykda, «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitaby çapdan çykdy we bu kitap ähli halkymyz we giň okyjylar köpçüligi üçin bahasyna ýetip bolmajak ajaýyp baýramçylyk sowgady boldy. Kitapda türkmen halkynyň durmuşynda, dünýä edebiýatynyň altyn hazynasynda Magtymguly Pyragynyň eýeleýän orny giňişleýin açylyp görkezilýär. Şeýle-de akyldar şahyryň döredijiliginiň we durmuş ýolunyň ylmy esasda öwrenilişi, pähim-paýhasly şygyrlarynyň dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmakdaky ähmiýeti, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýen ajaýyp şygara beslenen 2024-nji ýylda beýik söz ussadynyň doglan gününiň 300 ýyllyk şanly senesine bagyşlanyp geçirilen halkara çäreler barada söhbet edilýär.

Türkmen halkynyň gadymdan gelýän milli mirasy, edebiýaty bar. Nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekili bolan Magtymguly Pyragynyň döredijiligi, ajaýyp goşgulary ynsan kalbyny ruhlandyrýar. Magtymguly atamyz XVIII asyrda ýaşan, türkmen nusgawy edebiýatynyň kämilleş-



megine örän uly goşant goşan, türkmen edebi dilini ösdürmekde uly işler bitiren şahyrdyr. Magtymguly atamyz tutuş adamzada söz mülküni - bahasyny hiç zat bilen ölçäp bolmajak pähimleri, nesihatlary, öwüt-ündewleri ýadygär goýdy. Bu günki güne çenli şahyryň edebi mirasy hakynda ençeme ylmy garaýyşlar beýan edildi, kitaplar çap edildi. Magtymguly özüniň beýikligi bilen türkmeni beýgeldýär.

Her halkyň başyna täç edýän gymmatlyklary bolýar. Magtymguly Pyragy yraklary ýakynlaşdyran, şygyrlary bilen göwünleri şat eden, gudrat kimin asyrlaryň sönmez çyragyna öwrülen akyldar şahyrdyr. Şahyryň döredijiligine ser salsaň durmuşyň ähli ýollaryny aňynda aýlan we şol ýollardan nädip baş alyp çykmalydygy hakynda pikir eden, şol ýollaryň çözgüdini öwüt-ündew, şirin zybanlylyk bilen beýan eden ussada gözüň düşýär. Şeýle inçeden sünnäläp ýazylan setirler kalbyň taryna kakýar. Ussadymyzyň zerden zynatly her bir setiri hiç wagt öz gymmatyny ýitirmeýär. Çünki Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde akyl bar, akym bar, many-mazmun bar. Beýik ynsanyň şygyrlary adamlary durmuşa ugrukdyrýar, ýola salýar. Dana Pyragynyň halkymyzyň beýik şahyry bolandygyna guwanýarys, beýik şahyry gymmatlyk saýýan halkymyzyň bardygyna bolsa diýseň buýsanýarys.

***Şygyr ýazsam keşbiň gelýär gözüme,***
***Togap edýäs her mukaddes sözüňe,***
***Göwherden gaşsyň sen dünýäň ýüzüne,***
***Ruhuň dostlaşdyrar ýakyn-yragy***
***Ussadymyz Magtymguly Pyragy.***

***Dünýä aşyk bu gün seniň adyňa,***
***Ýer ýüzüne ýaýran şöhrat-şanyňa,***
***Ýaşlar her ädimde salyp ýadyna,***
***Şygyr äleminiň belent çynary***
***Ussadymyz Magtymguly Pyragy.***

**Şirin ORAZMYRADOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Dünýäniň iň çalt otlusy.** Hytaýyň «China National Railway Group» kompaniýasy Pekinde ýokary tizlikli CR450 elektrik otlusy bilen tanyşdyrdy. Sagatda 450 kilometr ýol geçmäge niýetlenen bu otly dünýäniň iň tiz otlusy hökmünde baha berildi. Otlynyň yzygiderli gatnawa başlajak wagty heniz belli edilmedi.



**Gurluşykda robotlar ulanylar.** Saud Arabystany Ýewropanyň «GMT Robotics» kompaniýasy bilen Neom şäheriniň gurluşygynda robot tehnikasyny ulanmak üçin şertnama baglaşdy. Şeýtmek bilen, ýurduň hökümeti taslamany durmuşa geçirmegi çaltlandyrmak we çykdajylaryny azaltmak isleýär diýip, «New Atlas» neşiri habar berýär.



**Ummasyz Gün paneli oturdyldy.** Hytaýyň «China Huadian» we «PowerChina» kompaniýalary gysga wagtda Tibetiň 5 müň 228 metr belentliginde köp sanly Gün panelini gurup, işe girizdiler. Onuň önümçilik kuwwaty 100 megawata barabar. Elektrik bekedi 170 müň Gün panelinden ybarat bolup, 1,4 inedördül kilometr meýdany eýeleýär.



**Pompeide zal tapyldy.** Italiýaly arheologlar miladynyň 79-njy ýylynda Wezuwiý wulkanynyň atylmagy netijesinde gömlen Pompei şäheriniň gazuw-agtaryş işlerinde reňkli suratlar bilen bezelen zalyň üstünden bardylar. Jaýyň diwarlary dürli şekiller bilen bezelipdir. Tapylan desga binagärlik we çeperçilik ussatlygynyň ýokary derejesini görkezýär.



**Ýeriň mantiýasyna çenli burawlar.** Hytaýly alymlar Ýeriň mantiýasyna ilkinji bolup ýetmegi meýilleşdirýärler. Bu maksady durmuşa geçirmek üçin çuňňur suw burawlamasy üçin niýetlenen «Meng Xiang» gämisi guruldy. Gämi 11 müň metre çenli çuňlukda burawlamaga ukyply diýip, «China Daily» neşiri habar berýär.



**Stounhenj – agzybirligiň nyşany.** Angliýanyň Uilşir graflygyndaky Stounhenj daş sütünleri Britaniýanyň gadymy halklaryny bir umumy medeni-syýasy ulgama birikdirip, olaryň agzybirliginiň nyşany hökmünde hyzmat edipdir. Şeýle çaklamalary Londonyň Uniwersitet kollejiniň alymlary öňe sürýär diýip, «The Guardian» neşiri habar berýär.



**Iň uzyn tunnel guruldy.** Dünýäniň iň uzyn ýokary tizlikli awtoulag tunneliniň gurluşygy Hytaýyň demirgazyk-günbataryndaky Sinszýan-Uýgur awtonom sebitinde tamamlandy. Uzynlygy 22,13 kilometrlik tunnel işe girizilenden soň, merkezi Týanşan daglaryndan geçýän ýoluň wagty birnäçe sagatdan 20 minuta çenli azalar.



**Iň ygtybarly awtoulaglar.** «HotCars» portaly 2024-nji ýylyň iň ygtybarly awtoulag brendleriniň sanawyny mälim etdi. Sanawyň birinji ornunda ýaponlaryň «Subaru», ikinji ornunda «Lexus», üçünji ornunda «Toyota» ýerleşdi. Iň ygtybarly ulaglaryň onlugyna «Honda», «Acura», «Mazda», «Audi», «BMW», «Kia» we «Hyundai» girdi.



**Jemgyýetçilik ulaglary tölegsiz.** Serbiýanyň paýtagty Belgradda 1-nji ýanwardan başlap jemgyýetçilik ulaglarynda töleg ýatyryldy. Şeýlelikde, Belgrad Ýewropada tölegsiz jemgyýetçilik ulagly ýeke-täk şäher boldy. Köçelerde dyknyşygyň öňüni almak üçin kabul edilen bu düzgün ilatyň öz ulaglary bilen şähere çykmagynyň öňüni almaga gönükdirilendir.



# POLŞA BAŞLYKLYGY KABUL ETDI

Polşa 1-nji ýanwardan Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň alty aý möhlet bilen aýlanýan başlyklygyny kabul etdi. «Howpsuzlyk, Ýewropa» şygary astynda geçiriljek başlyklygyň çäginde, Polşa daşarky, içerki, maglumat, ykdysady, energiýa, azyk we saglyk ýaly howpsuzlygyň ýedi ugruna ünsi jemlemekçi.



Polşanyň başlyklygy Ýewropa Bileleşiginiň täze çagyryşynyň bäş ýyllyk iş döwrüniň başlamagyna gabat gelýär. Bu bolsa, strategik maksatlary kesgitlemäge, çözgütleri teklip etmäge we geljek bäş ýyl üçin işleri ýola goýmaga mümkinçilik berýär.

Geljek alty aýyň dowamynda Polşada 300-den gowrak administratiw we ministrlik derejesindäki maslahatlar geçiriler, şol sanda agza döwletleriň ministrleriniň gatnaşmagynda Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň 22 sany resmi däl maslahaty geçiriler. Şeýle-de bolsa, 3-nji fewralda meýilleşdirilýän Ýewropa Bileleşiginiň liderleriniň resmi däl sammiti Polşada däl-de, Brýusselde geçiriler.

3-nji ýanwarda ýurduň paýtagty Warşawada Polşanyň Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşine (EUB) başlyklygynyň başlanmagy mynasybetli dabara geçirildi. Çärä gatnaşan Polşanyň Premýer-ministri Donald Tusk 21-nji ýanwarda Ýewropa Parlamentinde «bu agyr alty aýyň içinde Ýewropa Bileleşiginiň we Polşanyň başlyklygynyň ägirt uly maksatlaryny» beýan etjekdigini aýtdy.

Polşanyň başlyklygy iýun aýynyň ahyryna çenli dowam eder. Ýurda başlyklyk ygtyýarlygy 2011-nji ýyldan bäri ikinji gezek geçdi.

# Warşawa düzgünlere täzeden garamakçy

Polşa 2035-nji ýyldan başlap Ýewropa Bileleşiginde meýilleşdirilýän içinden otlanýan hereketlendirijileri bolan täze awtoulaglaryň hasaba alynmagyna girizilen gadagançylyga garşydygyny mälim etdi. Bu başlangyjyň çäginde Warşawa häzirki wagtda Italiýa we Çehiýa bilen bilelikde eýýäm tassyklanan düzgünlere täzeden garamagy maksat edinýän strategiýany işläp düzýär. Bu, aýratyn möhüm, sebäbi Polşa 1-nji ýanwardan başlap Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň başlyklygyny öz üstüne aldy. Bu ýagdaý bolsa, gün tertibine işjeň täsir etmäge mümkinçilik berer.



Ýewropa Bileleşiginiň ýokary derejeli diplomatynyň Brýusselde žurnalistler bilen duşuşygynda beren beýanatyna görä, üç ýurt hem umumy garaýşa eýerýär. Olar bellenilen möhletde elektroulaglara doly geçişiň mümkin däldigini nazara alyp, düzgünnamany gözden geçirmegi çaltlandyrmagy meýilleşdirýär. Häzirki düzgünler gadagançylygyň 2026-njy ýylda gözden geçirilmelidigini göz öňünde tutýar, emma Polşa, Italiýa we Çehiýa bu meselä derrew garamaga tagalla edýär.

Diplomat esasy maksadyň häzirki ýagdaýda bu gadagançylygy ýerine ýetirip bolmajakdygyny subut etmekdigini aýtdy. Ol bu düzgüniň Ýewropanyň awtoulag senagatyna oňaýsyz täsirini ýetirip biljekdigini sözüniň üstüne goşdy.

– Gadagançylygyň täsirine we ykdysady netijelerine näçe ir baha berilse, düzgünleri yza süýşürmek ýa-da ýeňilleşdirmek barada ylalaşyga gelmek mümkin – diýip, ol belledi. Onuň sözlerine görä, şeýle baha bermegiň netijeleri Ýewropada awtoulag senagatynyň uzak möhletleýin strategiýasynyň esasy özeni bolup durýar.

# 2026-njy ýyldaky başlyklygyna saýlandy

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝHHG) 2024-nji ýyldaky başlygy, Premýer-ministriň orunbasary hem-de Maltanyň daşary işler we syýahatçylyk ministri Ýan Borg 2026-njy ýylda ÝHHG-ä başlyklyk etmek üçin Şweýsariýanyň saýlanandygyny mälim etdi. Bu baradaky maglumat guramanyň resmi web sahypasynda ýerleşdirildi.

Ozal habar berlişi ýaly, 2025-nji ýylda Finlýandiýa Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyna başlyklyk eder.

Şeýle hem Borg, Şweýsariýanyň bu gurama netijeli ýolbaşçylyk etmek ukybyna ynam bildirdi.

– Bu ÝHHG üçin möhüm pursat we biz Şweýsariýanyň öňdengörüjilik we tutanýerlilik bilen ýolbaşçylyk etjekdigine ynanýarys – diýip, Borg belledi.

ÝHHG-ä başlyklyk bu gurama agza döwlet tarapyndan bir ýylyň dowamynda amala aşyrylýar we daşary işler ministri Baş sekretaryň wezipesini ýerine ýetiriji bolup durýar.



Başlyk karar kabul etmegi utgaşdyrýar we özüniň ygtyýarlyk möhletiniň dowamynda ÝHHG-niň ileri tutýan ugurlaryny kesgitleýär. Şweýsariýa ozal 1996-njy we 2014-nji ýyllarda iki gezek ÝHHG-ä başlyklyk edipdi.

# Indoneziýa BRICS-iň agzasy boldy

1-nji ýanwarda BRICS toparynyň başlyklygyny öz üstüne alan Braziliýa hökümeti Indoneziýanyň bu topara goşulandygyny habar berdi.

«Braziliýa hökümeti 6-njy ýanwarda Indoneziýa Respublikasynyň BRICS-e doly hukukly agza hökmünde resmi taýdan girendigini habar berdi» diýlip, Braziliýanyň Daşary işler ministrliginiň web sahypasyndaky habarda aýdylýar. Braziliýanyň BRICS-e başlyklygy 31-nji dekabra çenli dowam eder.

BRICS ýurtlaryň döwletara bileleşigidir. 2024-nji ýylyň 22-24-nji oktýabry aralygynda Kazanda geçirilen sammitde bileleşigiň işine goşulmak üçin 35 arza gelip gowuşdy. 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan bileleşige hyzmatdaş hökmünde Belarus, Boliwiýa, Indoneziýa, Gazagystan, Kuba, Malaýziýa, Tailand, Uganda we Özbegistan goşuldy.

BRICS 10 döwletden ybarat bileleşik bolup, oňa Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý, Günorta Afrika Respublikasy, BAE, Eýran, Müsür, Efiopiýa we Indoneziýa girýär. Bileleşik 2009-njy ýylyň 16-njy iýunynda Braziliýanyň, Russiýanyň, Hindistanyň we Hytaýyň ykdysadyýet ministrleri tarapyndan Sankt-Peterburg ykdysady forumynyň çäklerinde esaslandyryldy.



# Ýylyň ilkinji tehnologiýa sergisi

7-nji ýanwarda ýylyň iň uly tehnologiýa sergisi CES 2025 ABŞ-nyň Las-Wegas şäherinde öz işine başlady. 11-nji ýanwara çenli dowam etjek bu sergä dünýäniň 160-dan gowrak ýurdundan myhmanlar gatnaşdy. Geçen ýyl bu sergä 138 müňden gowrak myhman we 4300-den gowrak wekil gatnaşypdy. Sergä gatnaşýanlaryň sanynyň ýylsaýyn artmagy innowasiýa we tehnologik ösüşlere bolan gyzyklanmanyň artýandygyny görkezýär. CES 2025 sergisiniň esasy ugurlarynyň arasynda emeli aň, robot tehnologiýasy, ýanyňda göterilýän enjamlar, sanly saglygy goraýyş, ulag tehnologiýalary, kiberhowpsuzlyk, gözellik we moda tehnologiýalary aýratyn öňe saýlandy. Sergide öňdebaryjy kompaniýalar tarapyndan millionlarça adamyň gündelik durmuşyny üýtgedip biljek iň soňky ösüşlerini hödürlediler.



Mysal üçin, NVIDIA kompaniýasy «GeForce RTX 5000» seriýaly soňky nesil wideokartlary, şeýle hem emeli aň we robot tehnologiýalarynyň ösüşini öz içine alýan iň soňky önümlerini we tehnologiýalaryny hödürledi. Şeýle hem «Intel» kompaniýasy özüniň täze tehnologiýalary bilen tanyşdyrdy. Kompaniýa «Arrow Lake» maşgalasyndan täze desktop prosessorlaryny we «Core Ultra» çiplerine esaslanýan enjamlaryny hödürledi.

Amerikanyň tehnologiýa birleşiginiň (CTA) başlygy Geri Şapironyň aýtmagyna görä, sergide innowasiýalaryň geljegi barada 100-den gowrak maslahat guraldy. CES 2025 ýakyn ýyllarda tehnologiýa meýilnamasyny kesgitlemek üçin platforma boljakdygyny wada berýär.

Häzirki wagtda CES sergisi dünýäniň öňdebaryjy brendleriniň gazananlarynyň hödürlenýän, täze hyzmatdaşlygyň ýola goýulýan, täze ideýalaryň alşylýan, bütin dünýäde tehnologiýalary ösdürýän we durmuşyň hilini ýokarlandyrýan ýer boldy.

# Gidroelektrik stansiýasyny gurmakçy

Hytaý Tibet platosynyň gündogar çetinde dünýäniň iň uly gidroelektrik stansiýasyny gurmagy maksat edinýär. Ýarlung-Sangpo derýasynyň aşaky akymynda ýerleşýän täze taslama ýylda 300 milliard kilowat sagat elektrik energiýasyny öndürip biler, bu bolsa, häzirki iň uly gidroelektrik stansiýa bolan «Üç jülge» bilen deňeşdireniňde ep-esli ýokarydyr.

Taslamanyň bahasy 1 trillion ýuandan (137 milliard dollar) gowrak. Gurluşygyň gerimi çylşyrymly inženerçilik meselelerini çözmegi talap edýär. Seýsmiki howpy ýokary bolan sebitde uzynlygy 20 kilometr bolan alty ötük gurmak meýilleşdirilýär. Gurluşyk wagtynda daşky gurşawa aýratyn üns beriljekdigi bellendi. Şeýlelikde, taslama Tibet sebitini arassa energiýa öndürijileriň birine öwürjek Gün we ýel energiýa desgalaryny ösdürmegi göz öňünde tutýar. Şeýle-de bolsa, käbir bilermenler bu desganyň tebigata zyýan ýetirip biljekdigini belleýärler. Bendiň gurluşygynyň takyk möhleti we ýerleşjek ýeri entek belli edilmedi.



Taslama Hytaýyň zyýanly gazlary azaltmak boýunça maksatlaryna ýetmekde möhüm faktor bolar we Tibetde iş ýerlerini döredip, degişli pudaklaryň ösmegine itergi berer.

# Afrika iň «juwan» yklym bolar

**Afrikanyň ilaty 2050-nji ýyla çenli, takmynan, 2,5 milliard adama ýeter. Bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Afrika üçin ykdysady toparynyň hasabatynda aýdylýar. Resminamanyň awtorlarynyň bellemegine görä, XXI asyryň ortalaryna çenli Afrika ýurtlarynyň ýaşaýjylarynyň ortaça ýaşy 20 ýaşa deň bolar. Bu bolsa öz gezeginde Afrikany dünýäniň iň «juwan» yklymyna öwrer.**

**Hasabatda ýaş ilatyň gymmatly demografik artykmaçlyk bolup durýandygy, ony senagat ösüşi üçin işçi güýji hökmünde ulanyp boljakdygy bellenilýär. «Onuň üstesine-de, Afrikada her ýyl azyk önümleriniň importy üçin 60 milliard dollar sarp edilýändigini göz öňünde tutsaň, yklymyň gür ilaty sebitiň önümçilik-söwda zynjyrlary tarapyndan öndürilýän oba hojalyk önümleri üçin geljegi uly içerki bazar bolup durýar» diýlip, BMG-niň Afrika üçin ykdysady toparynyň hasabatynda bellenilýär.**



# Ikinji uly gaz eksport ediji boldy

Russiýa 2024-nji ýylyň netijelerine görä, Ýewropa Bileleşigine gaz eksportyny 54,45 milliard kub metre çenli ýokarlandyrdy. Şeýlelikde, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan öňe geçdi we Ýewropa Bileleşigi üçin ikinji uly gaz üpjün edijisine öwrüldi. Bu barada Ýewropanyň ylmy barlag guramasy «Bruegel» habar berdi.

2024-nji ýylyň netijelerine görä, Ýewropa Bileleşigi jemi 297,9 milliard kub metr gaz import etdi, şolardan 54,45 milliard kub metri Russiýadan satyn alyndy. Bu 2023-nji ýylda satyn alnan mukdardan (45 milliard kub metr) 21 göterim köp. Netijede, Russiýanyň ýerli bazardaky paýy ýylyň dowamynda 14,2 göterimden 18,3 göterime çenli ýokarlandy.

Ýewropa Bileleşigi geçen ýyl diňe Norwegiýadan has köp gaz satyn alyp, 2023-nji ýyldaky 90,3 milliard bilen deňeşdirilende 93,3 milliard kub metr gaz satyn alypdyr. Ýewropa Bileleşigi tarapyndan import edilýän gazyň 31,3 göterimi Norwegiýanyň paýyna düşüp, 2023-nji ýylda 28,6 göterime deň bolupdyr.

2023-nji ýylda Ýewropa Bileleşigine ikinji esasy eksport ediji bolan ABŞ, 2024-nji ýylda gaz ugradylyşyny, takmynan 18 göterim – 51,3 milliard kub metre çenli azaltdy we üçünji orny eýeledi. Netijede, onuň paýy ýylyň dowamynda 19,7 göterimden 17,2 göterime çenli azaldy.



Ýewropa Bileleşigi Alžirden ep-esli mukdarda gaz satyn aldy, ol 3 göterime çenli, ýagny 32 milliard kub metre çenli azaldy. Şeýle-de Ýewropa Bileleşigi Beýik Britaniýadan we Azerbaýjandan 12,7 milliard kub metr gaz satyn aldy. Ýöne Beýik Britaniýadan gaz satyn alyş ýylyň dowamynda 29 göterim azaldy, Azerbaýjandan bolsa, 2 göterim ýokarlandy.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1946-njy ýylyň 10-njy ýanwarynda Londonda BMG-niň Baş Assambleýasynyň ilkinji mejlisi açylýar. Bu sene, 1920-nji ýylda döredilen we 1946-njy ýylyň 18-nji aprelinde ýatyrylan halklaryň arasynda parahatçylyk we hyzmatdaşlyk boýunça hereket edýän Milletler Ligasynyň döredilmeginiň 26 ýyllygyna gabat gelýär. Guramanyň maliýe serişdeleri we borçnamalary BMG-ä geçirilýär.**



# Buzluklaryň goragynda

**BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan Täjigistanyň başlangyjy bilen 2022-nji ýylda kabul edilen karara laýyklykda, 2025-nji ýyl – Buzluklary goramagyň Halkara ýyly diýlip yglan edildi. Bu barada BMG-niň «news.un.org» web sahypasy habar berýär.**

**Buzluklaryň eremegi çynlakaý global meselä öwrüldi. Soňky 20 ýylda Gazagystany, Gyrgyzystany we Özbegistany öz içine alýan Günbatar Týan-Şanda buzluklaryň möçberi 27 göterim azaldy. Antarktida her ýylda ortaça 150 milliard tonna buz, Grenlandiýa bolsa 270 milliard tonna buz ýitirýär.**

**2050-nji ýyla çenli ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň 50 obýektiniň üçden bir bölegindäki çäkleriň buzluklarynyň ýok bolmagyna garaşylýar. Olar her ýyl 58 milliard tonna buz ýitirýär, bu bolsa Fransiýanyň we Ispaniýanyň ýyllyk suw sarp edişi bilen deňdir. Netijede, deňiz derejesi 5 göterim ýokarlandy. Buzluklar suw üpjünçiligi, oba hojalygy we gidroenergetika bilen üpjün etmekde 2 milliard töweregi adam üçin aýratyn ähmiýete eýedir.**

**14 müň buzlukdan müňden gowragynyň ereýän ýeri bolan Täjigistanda bu mesele örän ýiti duýulýar. Ýurduň buzluklary Merkezi Aziýanyň suw gorlarynyň 60 göterimini üpjün edýär. Buzluklary gorap saklamagyň Halkara ýyly, buzluklaryň ähmiýeti we olary geljekki nesiller üçin goramagyň zerurlygy baradaky düşünjäni artdyrmagy maksat edinýär. Şu ýyl Täjigistanda bu meselä bagyşlanan birnäçe maslahat guralar.**



# IKI GATLY OTLULAR

**Ýangyjyň haýsydyr bir görnüşi bilen hereket edýän ýük ýa-da ýolagçy ulaglarynyň arasynda otly ilkinji hasaplanýar. Adamlar irki döwürlerde ýeriň astyndan kömür ýa-da başga bir dag-magdan senagatyna degişli gurluşyk serişdelerini çykarmakda relsiň üstünde hereket edýän arabalardan peýdalanypdyrlar. Ilkinji tramwaýlar hasaplanýan relsiň üstünde ýöreýän ulurak furgonlar at bilen çekilipdir. Hereketlendirijileriň peýda bolmagy bilen bu furgonlaryň sany artdyrylyp, ulurak ýolagçy otlulary emele gelipdir. Ilkinji otlular XIX asyryň ortalaryndan hem aňyrda peýda bolýar. Otly iň arzan we amatly gatnaw serişdesi hasaplanýar. Häzirki wagtda ýokary tizlikli ýolagçy otlulary sagatda 400 kilometrden hem köp aralygy geçýär. Hemme ýerde gabat gelmese-de, otlularyň arasynda iki gatlylary hem bar. Ilkinji iki gatly otlular 1870-nji ýyllarda peýda bolýar. Şondan bäri iki gatly ýolagçy otlularynyň dürli görnüşleri öndürildi. Bu otlularyň esasy aýratynlygy demir ýol ugurlaryny has netijeli peýdalanmaga we gatnawyň özüne düşýän bahasyny peseltmäge mümkinçilik berýär.**



● Iki gatly ýolagçy otlular Fransiýada has giňden ulanylýar. Häzirki wagtda ýurduň milli demir ýol edarasy tarapyndan peýdalanylýan ýokary tizlikli TGV otlulary 1995-nji ýylda öndürilip başlanýar. Ýyllarboýy kämilleşdirilip, döwrebaplaşdyrylan otlular 580 ýolagçy orunlyk bolup, iň köp gatnawly ugurlarda peýdalanylýar. Wagonlarda penjireleriň ýerleşdirilişi hem tebigy yşygyň has köp içeri girmegine şert döredýär. Ýolagçylara otluda 5G, Wi-Fi we beýleki döwrebap hyzmatlar hödürlenýär. Ýakyn geljekde TGV otlularynyň 5-nji nesli ulanmaga berler. Sagatdaky tizligi 350 kilometre ýetýän bu otlular ozalky nusgalaryndan has az energiýa sarp edýär. Bu otlularyň şu ýylyň ikinji ýarymynda Pariž – Lion aralygynda gatnamagyna garaşylýar. TGV-niň soňky nesliniň (TGV M) 2030-njy ýyla çenli öndürilmegi meýilleşdirilýär.

● 1950-nji ýyllarda Kanadada ilkinji iki gatly ýolagçy otlular işe girizilýär. Şowly netije beren bu otlular soňlugy bilen has köp ugurda peýdalanylyp başlanýar. Häzirki wagtda bu ýurtda dürli kompaniýalaryň öndüren iki gatly ýolagçy wagonlary giňden ulanylýar. Kanadada geçen ýyl iki gatly otlularyň täze görnüşi hem tanyşdyryldy. Hytaýyň CRRC kompaniýasy bilen bilelikde öndürilýän bu demir ýol ulagy şu ýylyň tomsundan başlap Monreal sebitinde ulanylyp başlanar.

● Ýokary tizlikli otly diýlende köpleriň ýadyna Ýaponiýa düşýän bolsa gerek. Ýaponiýada her gün ýurduň ilatynyň ählisi diýen ýaly demir ýol ulagyna münýär. «Shinkansen» otlularynyň 2 gatly görnüşi ýurtda 1994-2012-nji ýyllar aralygynda ulanylýar.

● Awstraliýada bolsa, dünýäde ilkinji bolup ähli wagonlary iki gatly bolan otly işe girizilýär. Ýurduň meşhur şäheri Sidneýde we uly şäherleriň biri bolan Melburny hem öz içine alýan Wiktoriýa ştatynda iki gatly ýolagçy otlulary giňden peýdalanylýar.

● Soňky 20 ýyla golaý wagtda demir ýollarynyň uzynlygyny birnäçe esse artdyran Hytaýda hem iki gatly wagonlar giňden peýdalanylýar. Bu ýurtda ilkinji iki gatly otlular 1958-nji ýylda öndürilip hem-de ulanylyp başlanýar. Şondan bäri şeýle otlularyň onlarça görnüşi işlenip düzüldi. Hytaýda iki gatly otlular, esasan, sebitleýin gatnawlarda peýdalanylýardy. Soňky ýyllarda bolsa bu ýurtda öndürilýän ýokary tizlikli iki gatly otlular daşary ýurtlara, şol sanda Ýewropa ýurtlaryna hem eksport edilýär.

● Ösen demir ýol infrastrukturasy bolan ABŞ-da iki gatly ýolagçy otlulary bilen bir hatarda, iki gatly ýük otlulary hem bar. Ýük üçin niýetlenen iki gatly otlular konteýnerleri üsti-üstüne goýup daşamaga mümkinçilik berýär. Has uzak aralyga gatnaýan otlularyň käbiri iki gatly bolup, olaryň köpüsiniň penjiresi ýerden petige çenlidir. Bu bolsa, ýolagçylara daş-töweregi synlamaga we syýahatyň gyzykly geçmegine mümkinçilik berýär.

● Otlulary bilen meşhurlyk gazanan ýurtlaryň biri hem Hindistandyr. Dünýäniň iň köp ilatly ýurdunda «Sinhagad Express» kompaniýasy ilkinji bolup iki gatly ýolagçy otlularyny ýola goýýar. Soňra beýleki kompaniýalar hem şeýle otlulardan peýdalanýar. 1979-njy ýylda «Western Railway» kompaniýasy Surat we Mumbaý şäherleriniň arasynda «Flying Ranee» atly ýokary tizlikli, iki gatly ýolagçy otlularyny işe girizýär. Soňky ýyllarda bolsa serginledijisi we beýleki amatly şertleri bolan has döwrebap wagonlar ýolagçylaryň hyzmatyna hödürlenýär.

● Bulardan başga-da, häzirki wagtda Çeh Respublikasy, Finlýandiýa, Germaniýa, Italiýa, Niderlandlar ýaly Ýewropa ýurtlarynda, Marokko, Günorta Afrika ýaly Afrika ýurtlarynda, Wýetnam, Argentina ýaly dünýäniň beýleki ýurtlarynda iki gatly ýolagçy otlulary hereket edýär.

# Houtouwan – tokaýa bürenen oba

**Hytaýda ululy-kiçili 1 million töweregi oba bar. Dünýäniň önümçilik taýdan ösen bu ýurdunda çaý obalaryna, dagyň kert gaýalarynda ýerleşýän gadymy obalara, adalarda mesgen tutan balykçylar obasyna we şaly ekmäge ýöriteleşen daýhanlaryň obalaryna duş gelmek bolýar. Hytaýyň tokaýa örtülen kiçijik Houtouwan obasy hem täsin ýerleriň biri hasaplanýar.**





Şengşan adasynda ýerleşýän Houtouwan obasynda 1990-njy ýyllara çenli balykçylyk gülläp ösüpdir. Maglumatlara görä, şol ýyla çenli obada 3 müň töweregi balykçy ýaşapdyr. Balykçylaryň başga ýerlere göçüp gitmegi bilen bolsa obanyň ýaşaýyş jaýlaryny çyrmaşyk ösümliklerdir agaçlar eýeläpdir. Uzakdan seredeniňde ýaşyl geýnen owadan tokaýa meňzeýän bu obada jaýlaryň ählisi daşdan gurlupdyr.

Houtouwanda içimlik suwuň we elektrik togunyň (yşygyň) ýokdugyna garamazdan bu oba Hytaýyň esasy syýahatçylyk merkezleriniň biri hasaplanýar. Halk arasynda «taşlanan oba» ady bilen tanalýan bu ýere ýylboýy müňlerçe syýahatçy barýar. Bu oba gezelenje gideniňde içjek suwuňy we iýmitiňi ýanyň bilen alyp barmaly. Çünki bu obada ýaşaýjy we söwda dükanlary ýok. Şeýle hem Houtouwan obasynyň daşly ýollarynda ýöremek üçin çydamly aýakgaplary geýmeli. Tokaýa bürenen bu oba Şanhaýdan 4 sagatda baryp bolýar.

# Öz-özüň bilen gepleşmek adaty ýagdaýmy?

**Käte öýde ýeke galanymyzda ýa-da köpçülik ýerine baranymyzda birden özümiz bilen gepleşip başlaýarys. Köp adam üçin bu ýagdaý täsin ýaly bolup görünse-de, öz-özüň bilen gepleşmek saglyk bilen bagly bolup biler. Köplenç öz-özüň bilen gepleşmek psihologik mesele hökmünde görülýär. Şeýle bolsa psihologik kynçylyklary bolmadyk sagdyn adamlar hem özleri bilen gepleşýärler. Eýsem, munuň sebäbi näme?**

Her kimiň içki monology bar. Käbir adam özi bilen gepleşip gatnaşýan bolsa, köpler içinden gelýän sese jogap bermeýärler. Hünärmenler öz-özüň bilen gepleşmegiň sebäbini iki teoriýa bölýärler.

**Ýekelik teoriýasy.** Özi bilen köp wagt geçirýän, köpçülikden uzakdaky adamlar özi bilen gepleşmegi gowy görýärler.

**Aňda (bilim) näsazlyk teoriýasy.** Kitapdyr çeper eserleri köp okamagyň netijesinde käbir adamyň aňynda bulaşyklyk emele gelýär. Olar ylym bilen durmuşy garyşdyryp, haçan görseň içini gepledip ýörýärler. Mundan başga-da, käbir adamda kynçylyga duçar bolanda, köp pikirlenende ýa-da alada edende öz-özi bilen gepleşmek häsiýeti ýüze çykýar.



**ÖZ-ÖZÜŇ BILEN GEPLEŞMEGIŇ PEÝDALY TARAPLARY:**

- ✓ Öz-özüňi tankytlamak.
- ✓ Öz-özüňe göwünlik bermek.
- ✓ Öz-özüňe erk etmek.
- ✓ Öz-özüňe baha bermek.

Öz-özüň bilen gepleşmek meseläni düýpli pikirlenmek, ýüze çykan ýagdaýy özüň bilen maslahatlaşyp çözmek, edilmeli işleri meýilleşdirmek we netijäni öňünden göz öňüne getirmek ýaly ýagdaýlarda hem peýdaly bolup biler. Mysal üçin, türgenler köplenç höwesini artdyrmak we maksadyna ýetmek üçin öz-özi bilen gepleşýärler. «Sen muny başararsyň», «Gözüňi topdan aýyrma», «Tijenjek bol», «Az galdy, çyda» ýaly jümleleri ulanýarlar. Diňe bir türgenler däl, eýsem, islendik kärdäki adam hem öz-özüni ruhlandyryp, öz-özüne goldaw berip, maksadyna ýetip biler.

Öz-özüň bilen gepleşmegiň akyl-huş we jemgyýetçilik peýdalary filosoflar tarapyndan köpden bäri derňelýär. Filosoflaryň bellemegine görä, özüň bilen derdinişmek netijä gelmegi aňsatlaşdyrmaga, öňüňde goýan maksadyňa ýetmäge, dünýägaraýşyňy ösdürmäge we beýlekiler bilen özüňi hoşamaý alyp barmaga ýardam edýär. Adam öz-özi bilen gepleşende aňdaky pikirler gaýtadan işlenýär. Täze pikirler döräp, ýalňyşlyklaryňy düzetmäge mümkinçilik döreýär.

Hünärmenler öz-özüň bilen gepleşeniňde bolup geçýän ýagdaýy, pikirleri kagyza bellemegi we soňra gaýtadan seljermegi maslahat berýärler. Öz-özüň bilen gepleşmek peýdaly bolsa-da, käwagt zyýanly hem bolup biler. Özüň barada ters pikirler aýdanyňda ýa-da özüňi tankytlanyňda, özüňe pes baha bereniňde saglyk bilen bagly töwekgelçiliklere getirip biler. Öz-özüň bilen gepleşmek beýniniň işleýşi, ýalňyzlyk, alada we dartgynlylyk bilen bagly bolsa, haýal etmän lukmana ýüz tutmaly.

## ÇAGALAR

Grenlandiýa akulasy (somniosus microcephalus) dünýäde iň uzak ýaşaýan oňurgaly jandar bolup, 400 ýyla çenli ömri bar.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ ULY AKWARIUMY





**Deňiz we deňiz jandarlary irki ýyllardan bäri adamlaryň ünsüni çekýän güýmenjeleriň biri bolupdyr. Deňizde ýaşaýan jandarlary ýakyndan synlamak üçin ilkinji akwarium 1853-nji ýylda London haýwanat bagynyň çäginde köpçülige açylýar. «Balyk öýi» diýlip atlandyrylan bu aýna gaby iňlis tebigaty öwrenijisi Filip Genri Gosse oýlap tapýar. Şondan soňra beýleki ýurtlarda hem akwariumlar oýlanyp tapylyp, haýwanat baglarydyr öýleriň bezegine öwrülýär. Häzirki wagtda dünýädäki haýwanat baglarynda ululy-kiçili müňlerçe akwarium saklanýar.**

Hytaýyň Hensin şäherindäki Fuksiang aýlagynyň golaýynda ýerleşýän «ChimeLong Okean Kingdom» dünýäniň iň uly akwariumy hasaplanýar. 49 million litr suwy bolan bu akwarium ÇimeLong halkara umman şypahanasynyň bir bölegi bolup, dünýädäki iň gowy 10 seýilgähiň hataryna girýär. 2014-nji ýylda ulanylyşa berlen bu akwarium Hytaýyň syýahatçylyk pudagyndaky öňdebaryjy merkezleriň biridir. «ChimeLong Okean Kingdom» akwariumyndaky deňiz jandarlarynyň müňlerçe görnüşini, bezeg aýratynlyklaryny hem-de suwasty seýilgäh ýodalaryny görmäge her ýyl ortaça 8 million syýahatçy barýar.

«ChimeLong Okean Kingdom» akwariumynyň düzüminde dünýädäki iň uly akril paneli, 330 inedördül metr akril meýdany we kitdir akulalaryň ýaşaýan «Whale Shark Exhibit» suwasty gümmezi bar. Diametri 12 metr, göwrümi 22,7 million litr suwly bu gümmez dünýädäki iň uly suwasty seýilgäh hasaplanýar. 5 ugurdan Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilen dünýäniň iň uly akwariumynda 15 sany attraksion meýdança bolup, akuladyr kitler, polýar aýylarydyr suw ýylanlary, delfinlerdir deňiz arslanlary bilen bir hatarda balygyň 20 müňden gowrak görnüşi saklanýar. Akwariumda güýmenje meýdançalaryndan başga-da, açyk howuzda delfinleriň, deňiz arslanlarynyň hem-de beluga kitleriniň şüweleňleri görkezilýär. Aýdym-sazly, şowhunly geçirilýän deňiz jandarlarynyň çykyşlary, esasan hem, körpe syýahatçylarda gaýtalanmajak duýgulary döredýär. Akwarium syýahatçylaryň ünsüni çekmek bilen bir hatarda, biologlaryň we barlag geçirijileriň tejribe synaglaryny geçirmekleri hem-de ylym dünýäsinde täzelikleri açmaklary üçin amatly ýer hasaplanýar.

# Uzak ýaşaýan balyk

Tebigatyň iň uly täsinlikleriniň biri uzak ýyllap ýaşaýan janly-jandarlaryň bolmagydyr. Eşideniňde haýran galýandygyňa garamazdan, käbir jandarlar 100 ýyldan gowrak, käbir ösümlikler bolsa 1000 ýyldan gowrak ýaşap bilýärler. Şeýle jandarlaryň arasynda «gödek gaýa balygy» ady bilen tanalýan «sebastes aleutianus» bar. Adatça balyklar görnüşine baglylykda 3-4 ýyldan 40 ýyla çenli ýaşaýarlar. Gödek gaýa balygy iň uzak ýaşaýan balyklaryň biri hasaplanýar. Gyzgylt reňkli bu balyklar 200 ýyla çenli ýaşaýarlar.

Gödek gaýa balygy Ýuwaş ummanynda Kaliforniýadan Ýaponiýa çenli aralykda ýaşaýar. Dünýäde ýitip gitmek howpy abanýan bu balyklaryň uzynlygy 97 santimetre çenli bolup, ownuk balyklardyr deňiz jandarlary bilen iýmitlenýärler. Agramy 7 kilograma çenli ýetýän bu balygyň ýiti dişi, tegelenip daşyna çykyp duran gözi we kertik-kertik ýüzgüçleri bar.

Gödek gaýa balygy ilkinji gezek 1898-nji ýylda amerikaly iҫtiologlar (balyklary öwrenýän alym) tarapyndan Alýaskanyň Şelikof bogazyndaky Kodiak adasyndan tapylýar. Şondan soňra altynsow reňkli bu ýyrtyjy balyk köpçülige mälim edilip, resmi taýdan yglan edilýär. Bu balyklar Ýuwaş ummanynyň 150-450 metr çuňlugynda ýaşaýarlar. «Sebastes aleutianus» ummanyň düýbündäki gaýalarda, gowaklarda we çukurlarda ýaşamagy halaýar. Şol sebäpli bu balyklara gödek gaýa balyklary diýilýär.



# KIRPI BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR



● Kirpi Ýewropada, Aziýada we Afrikada duş gelýän ownuk süýdemdirijileriň biri bolup, 17 görnüşi bar.

● Görşi pes, emma güýçli ys alyş we eşidiş duýgusyna eýe bolan kirpiler gündizine 18 sagada çenli uklap, gijesine awa çykýarlar.

● Kirpiler miwedir gök önümlerden başlap, mör-möjekdir ownuk jandarlara çenli iýip bilýärler. Hatda kirpiniň käbir görnüşi gurbaga, hažžyk we ýylan hem iýip bilýär.

● Kirpilerde 5 müň töweregi oňurga süňki bar. Şol sebäpli bu jandarlar aňsatlyk bilen pökgi ýaly düýrlenip bilýärler.

● Kirpiniň arkasynda ortaça 5-7 müň aralygynda tikeni bolýar. Kirpiniň alabeder tikenleri ýiti agyryly bolup, käte zäherli hem bolup bilýär.

● Kirpiler sowuk howada agaçlaryň köwegine, tokaýlardaky ot-çöpleriň aşagyna sümüp, gyş ukusyna gidýärler.

● Kirpiler boýunyň 14-30 santimetrdigine garamazdan, agaja çykyp bilýärler. Bu kiçijik süýdemdirijiler ýüzüp hem bilýärler.

● Kirpiler köpelmek üçin 50 santimetr çuňlukda çukur gazyp, içine guran ýaprak we çöp-çalam goýýarlar. Kiçijik kirpi 4-7 hepdeden soň özbaşdak ýaşap başlaýar. Kirpiler ýekeligi halaýan jandar hasaplanýar. Şol sebäpli bular köplenç ýeke gezýärler. Ýylyň belli bir döwründe kirpiler topar bolup ýaşaýarlar we muňa «massiw» diýilýär.

● Daşy tikenli bu jandarlar ýabany tebigatda 3-8 ýyl aralygynda ýaşaýarlar. Kirpiniň agramy 1,5 kilograma çenli bolup, her gün 3 kilometre çenli ýol geçip bilýär.

● Kirpiler agzy bilen tüýkülik pürküp, bedeniniň üstüne sepýärler. Şeýlelik bilen bu jandarlar bedenindäki erbet ysy we ýokançlyklary aýyrýarlar.

● Kirpiler Demirgazyk we Günorta Amerikada, Awstraliýada hem-de Antarktidada ýabany tebigatda duş gelmeýär. Bu sebitlerde kirpiler öý şertinde eldekileşdirilen görnüşde ýaşaýarlar.

● Gadymy rim we hytaý halk döredijiliginde kirpiniň arkasyna kömelekdir miwe alyp gidip barýandygy hakynda erteki aýdylýar. Kirpiniň arkasyndaky tikenine seýrek ýagdaýda ýaprak ýa-da miwe ýapyşyp biler. Emma bu jandarlar hiç haçan iýmiti arkasynda daşamaýarlar. Bu bir ýöne ertekilerde aýdylýan gürrüň.



## Labirint



## 7 tapawudy tapyň!



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



## Gyzykly pursat



# 82-nji «Altyn globus» baýraklarynyň ýeňijileri


Adrian Broudi


Fernanda Torres


Sebastian Stan


Demi Mur


Zou Saldanýa


Kiran Kalkin

***Kino sungatynyň abraýly sylaglarynyň hatarynda görkezilýän «Altyn globus» baýraklarynyň ýeňijileri belli boldy. «Hollywood»-daky daşary ýurtly žurnalistler guramasy (HFPA) tarapyndan gowşurylýan baýraklaryň 82-nji dabarasyny komediýaçy zenan Nikki Gleýzer alyp bardy. Dabarada iň köp baýraga «Emiliýa Peres» filmi bilen «Sýogun» serialy mynasyp görüldi.***

Hemişekiler ýaly, Kaliforniýadaky «Beverly Hills» myhmanhanasynda geçirilen dabarada iň gowy drama filmi diýlip, «Brutalist» kinosy saýlandy. Ikinji Jahan urşundan soň ABŞ-a gelen bosgunyň başdan geçirenleri barada söhbet açýan filmde baş keşbi janlandyran oskarly Adrian Broudi drama görnüşde iň gowy aktýor baýragyna mynasyp boldy. Filmi surata düşüren Bredi Korbet iň gowy režissýor baýragy bilen sylaglandy.

Dabaranyň iň köp baýrakly kinosy «Emiliýa Peres» iň gowy mýuzikal ýa-da komediýa filmi diýlip saýlandy. Fransiýaly režissýor Žak Odiaryň surata düşüren kinosy iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film baýragyna-da laýyk görüldi. Filmiň artistlerinden Zou Saldanýa ikinji plandaky iň gowy aktrisa ugry boýunça «Altyn globus» baýragynyň ýeňijisi boldy. Şeýle-de, mýuzikal görnüşli bu filmdäki «El Mal» atly aýdym iň gowy aýdym diýlip saýlandy.

### Ejesine bagyşlady

● Drama filmleriniň iň gowy aktrisasy baýragyna «Men henizem bu ýerde» filminiň ýyldyzy Fernanda Torres laýyk görüldi. Braziliýaly aktrisa sahna çykyp, heýkeljigi alan mahaly baýragy häzirki wagtda 95 ýaşynda bolan we 25 ýyl ozal «Merkezi duralga» filmindäki keşbi üçin «Altyn globusa» dalaşgär görkezilen ejesi Fernanda Montenegro bagyş edýändigini aýtdy. Onuň ejesi «Altyn globusa» dalaşgär görkezilen bolsa, özi bu baýragy gazanan ilkinji braziliýaly aktrisa diýlip hasaba alyndy. Fernanda Torres «Hollywood»-yň oskarly meşhur aktrisalaryndan – Keýt Winslet, Nikol Kidman, Anjelina Joli, Tilda Swinton dagydan öňe saýlanmagy başardy.

### Ilkinji gezek baýrak aldy

● Mýuzikal ýa-da komediýa filmleriniň iň gowy aktýory baýragyna «Başga adam» filmindäki keşbi üçin Sebastian Stan mynasyp görüldi. Ol hem iň gowy drama, hem-de mýuzikal ýa-da komediýa aktýory baýraklarynyň ikisine-de dalaşgär görkezilipdi. «Şägirt» kinosyndaky keşbi üçin drama filmleriniň iň gowy aktýory baýragyny Broudä aldyran Stan heýkeljigi mýuzikal ýa-da komediýa ugry boýunça almagy başardy. Mýuzikal ýa-da komediýa filmleriniň iň gowy aktrisasy diýlip «Substansiýa» kinosyndaky keşbi üçin Demi Mur saýlandy. Esasy dalaşgärler – Sintia Eriwo hem-de Maýki Medisondan öňe saýlanan 62 ýaşyndaky Mur ýeňşe garaşmandygyny we 45 ýyllyk karýerasynda ilkinji gezek artistçilik ugrundan baýrak alýandygyny belläp geçdi.

Ikinji plandaky iň gowy aktýor baýragyna-da Kiran Kalkin («Hakyky jepa») laýyk görüldi. «Konklaw» filminiň edebi esasyny ýazan Piter Strohan iň gowy ssenariý baýragy bilen sylaglandy.

Iň gowy animasiýa baýragyna latwiýaly režissýor Gints Zilbadolisiň surata düşüren hiç hili dialogy bolmadyk «Akym» multfilmi laýyk görüldi. Bu animasiýa «Garjaşyk 2», «Ýabany robot» ýaly esasy faworit ekran eserlerini yzda galdyrdy.

### Seriallaryň arasynda

● Seriallaryň arasynda bolsa iň gowy drama serialy diýlip, «Hulu»-nyň önümi bolan «Sýogun» saýlandy. Serialda baş keşbi janlandyran artistler – Hiroýuki Sanada iň gowy aktýor, Anna Sawai iň gowy aktrisa ugurlary boýunça «Altyn globusyň» heýkeljiklerini gazandylar. Şeýle-de Tadanobu Asano ikinji plandaky iň gowy aktýor baýragy bilen sylaglandy.

Iň gowy mýuzikal ýa-da komediýa serial ugry boýunça «Hilegärler» atly ekran eseri heýkeljige laýyk görüldi. Aslynda, geçen ýylyň ýeňijisi «Aýy» serialynyň bu ýyl hem baýragy almagyna garaşýanlaryň sany az däldi. «Hilegärler» serialynda baş keşpleriň birini ýerine ýetirýän Jin Smart iň gowy aktrisa baýragy bilen sylaglandy. «Aýy» serialynyň dabarada gazanan ýeke-täk baýragy Jeremi Allen Waýtyň iň gowy aktýor saýlanmagy boldy.

Gysga göwrümli serial ýa-da telefilm ugry boýunça «Sugun çagasy» atly ekran eseri «Altyn globus» baýragyna mynasyp görüldi. Serialyň artistlerinden Jessika Ganninge ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragy gowşuryldy. Geçen ýylyň şowly çykan ekran eserlerinden «Pingwin» serialynyň ýyldyzy Kolin Farrell iň gowy gysga göwrümli serial ýa-da telefilm aktýory ugry boýunça ýeňiji diýlip yglan edildi. «Hakyky detektiw» serialynyň ýyldyzy Jodi Foster iň gowy gysga göwrümli serial ýa-da telefilm aktrisasy diýlen ugurda ýeňiji boldy. Ol karýerasy boýunça 5-nji gezek «Altyn globus» baýragyny gazandy.

Dabaranyň dowamynda 2 ussat artist hormat baýraklary bilen sylaglandy. Meşhur aktrisa Wiola Dewis kino sungatynda bitiren işleri üçin, Sesil B. DeMill, şol sanda aktýor Ted Danson bolsa teleýaýlym dünýäsine goşan goşandy üçin Karol Börnett adyndaky baýraga laýyk görüldi.


Hiroýuki Sanada


Anna Sawai


Jessika Ganning


Jodi Foster


Kolin Farrell



## «Altyn globus» baýragyny gazananlaryň sanawy:

**Iň gowy film (drama):** «Brutalist» (The Brutalist); **Iň gowy film (mýuzikal ýa-da komediýa):** «Emiliýa Peres» (Emilia Perez); **Iň gowy aktýor (drama):** Adrian Broudi – «Brutalist» (The Brutalist); **Iň gowy aktrisa (drama):** Fernanda Torres – «Men henizem bu ýerde» (Ainda Estou Aqui); **Iň gowy aktýor (mýuzikal ýa-da komediýa):** Sebastian Stan – «Başga adam» (A Different Man); **Iň gowy aktrisa (mýuzikal ýa-da komediýa):** Demi Mur – «Substansiýa» (The Substance); **Ikinji plandaky iň gowy aktýor:** Kiran Kalkin – «Hakyky jepa» (A Real Pain); **Ikinji plandaky iň gowy aktrisa:** Zou Saldanýa – «Emiliýa Peres» (Emilia Perez); **Iň gowy režissýor:** Bredi Korbet – «Brutalist» (The Brutalist); **Iň gowy ssenariý:** «Konklaw» (Conclave) – Piter Strohan; **Iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film:** «Emiliýa Peres» (Emilia Perez) – Fransiýa; **Iň gowy animasiýa:** «Akym» (Straume); **Iň gowy saz:** «Bäsdeşler» (Challengers) – Trent Reznor, Attikus Ross; **Iň gowy aýdym:** «El Mal» – K. Dukol, Kamille, Ž. Odiar – «Emiliýa Peres» (Emilia Perez); **Iň gowy serial (drama):** «Sýogun» (Shogun); **Iň gowy serial (mýuzikal ýa-da komediýa):** «Hilegärler» (Hacks); **Iň gowy gysga göwrümli serial ýa-da telefilm:** «Sugun çagasy» (Baby Reinder); **Iň gowy aktýor (drama):** Hiroýuki Sanada – «Sýogun» (Shogun); **Iň gowy aktrisa (drama):** Anna Sawai – «Sýogun» (Shogun); **Iň gowy aktýor (mýuzikal ýa-da komediýa):** Jeremi Allen Waýt – «Aýy» (The Bear); **Iň gowy aktrisa (mýuzikal ýa-da komediýa):** Jin Smart – «Hilegärler» (Hacks); **Iň gowy aktýor (gysga göwrümli serial ýa-da telefilm):** Kolin Farrell – «Pingwin» (The Penguin); **Iň gowy aktrisa (gysga göwrümli serial ýa-da telefilm):** Jodi Foster – «Hakyky detektiw» (True Detective: Night Country); **Ikinji plandaky iň gowy aktýor:** Tadanobu Asano – «Sýogun» (Shogun); **Ikinji plandaky iň gowy aktrisa:** Jessika Ganning – «Sugun çagasy» (Baby Reinder); **Teleýaýlymda iň gowy stend-ap komediýa gepleşigi:** «Ali Wong: Single Lady» – Ali Wong.




## 3-nji SKANWORD

**Guwançmyrat ANNAMUHAMMEDOW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*



## 3-nji KROSSWORD

● **KESELIGINE:** **1.** Çalyň üstüne süýt guýup taýýarlanýan içgi. **7.** Möhüm, gerekli. **8.** Jana-jan, ýürekdeş. **10.** Örän seresap, hüşgär. **12.** Awuly deňiz balygy. **13.** Gaýgy-gam. **15.** Keýpi bozulan, ruhdan düşen. **20.** «Saçagynda ýagly petir, Kim ..., elin ýetir» (K. Gurbannepesow). **22.** Sallam-sajak eginbaşly. **23.** Gepläp bilmeýän. **24.** Termin. **26.** «... aýnamaz, altyn çüýremez» (Paýhas çeşmesi). **28.** Biçäre, başarnyksyz. **30.** Ýetişikli, başarjaň. **32.** Iliň zady. **35.** Birdenkä. **38.** Wyždan. **39.** Bir döwletiň ýaşaýjysy. **40.** Hile, pirim.

● **DIKLIGINE:** **1.** Käselenen gawun. **2.** Şpallara berkidilen, üstünden otlynyň tigirleri ýöreýän insizje polat ýol. **3.** Eýelik edilýän emläk. **4.** Garagum derýasynyň başlangyjyndaky suw howdany. **5.** Planeta. **6.** Goluň göwrä baryp birleşýän ýerinden boýna çenli aralyk, gerden. **7.** «Ol pähimli we kemal tapyp, dana hem ... boldy» («Asly – Kerem» dessany). **9.** Gyza dakylýan at. **11.** Uçýan jandar. **14.** Garajaoglanyň çyn ady. **15.** Kir ýuwulýan gap. **16.** K. Ostrowskiniň «... nähili taplandy» eseri. **17.** Ugursyz, ýeňil. **18.** Boglan gül dessesi. **19.** Dermanlyk ösümlik. **21.** Eliň iç ýüzi. **22.** Müň ýyl. **25.** Öwünjeň, köp gepleýän. **27.** Iş başarmaýan, nalajedeýin. **29.** Gyz dogan. **31.** Ýuwaş-ýuwaş. **33.** Düýe maly. **34.** Gahrymançylykly edebi eser. **35.** Heniz ekilmedik ýer. **36.** Koreýa Respublikasynyň paýtagty. **37.** Welosiped ýaryşynyň bir görnüşi.

**Tyllagözel MERETGULYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

1-nji skanwordyň jogaby:



2-nji skanwordyň jogaby:



1-nji krosswordyň jogaby:



2-nji krosswordyň jogaby:



# 47-nji Dakar Rallisi dowam edýär

Dünýäniň iň kyn ýaryşlarynyň biri bolan Dakar Rallisiniň 47-njisi Saud Arabystanynyň çöllüklerinde dowam edýär. Jemi 12 tapgyrdan ybarat bolan ýaryşyň 4 tapgyry tamamlanyp, bäsleşige 350-ä golaý sürüji gatnaşýar. Ýeňil awtoulag sürüjileriniň arasynda «Toyota» kysymly ulagy bilen Günorta afrikaly Henk Lategan sanawyň başyny çekip gelýär. Ol 2-nji tapgyrdan soň umumy sanawda 1-nji orna geçdi. Dakar Rallisiniň iň kyn tapgyry 2 gün dowam edýän 2-nji tapgyr bolup, onda ýeňil awtoulag sürüjileriniň arasynda «Overdrive» toparyndan arabystanly Ýazid Al Raj özüniň «Toyota» kysymly ulagy bilen 967 kilometr aralygy 10 sagat 56 minut 54 sekuntda tamamlady.

Marafon tapgyry hem diýilýän bu tapgyrda motosiklçileriň arasynda «Red Bull KTM» toparyndan awstraliýaly Daniel Sanders ýeňiş gazandy. Ol umumy sanawda-da başdan-aýak birinjiligi özünde saklap gelýär. Sanders diňe 3-nji tapgyrda ýeňiş gazanyp bilmedi.

Ýük ulagy sürüjileriniň arasynda 2-nji we 4-nji tapgyrlaryň ýeňijisi «Iveco» ulagy bilen çehiýaly Martin Maçik umumy sanawda 2-nji ýerdäki watandaşy Aleş Lopraisden 45 minut 54 sekunt öňde barýar.

Dakar Rallisi 17-nji ýanwarda tamamlanar.





# 1-nji duşuşyklarda garaşylmadyk netijeler

● Angliýanyň Liga Kubogy (EFL Cup) ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Geçirilen oýunlarda garaşylmadyk netijeler hasaba alyndy.



Londonda «Arsenal» öz meýdançasynda «Nýukasldan» 2-0 hasabynda asgyn geldi. Myhmanlara ýeňiş getiren gollary Isak (37) bilen Gordon (51) geçirdi.

**24 oýundan soň ilkinji ýeňliş**

● Londonda geçirilen beýleki duşuşykda «Tottenham» topary «Liwerpuldan» 18 ýaşyndaky şwesiýaly ýarymgoragçysy Lukas Erik Bergwallyň 86-njy minutdaky ýeke-täk goly esasynda üstün çykdy. «Liwerpul» topary ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, 25 oýundan soň ýeňlişe sezewar boldy.

Ýarym finalyň jogap oýunlary 5-6-njy fewralda oýnalar.



# «Reala-da», «Barselona-da» 1/8 finala çykmak kyn düşmedi





Ispaniýanyň Şa Kubogynda 1/16 finalyň duşuşyklary geçirilip, 1/8 finala çykanlar belli boldy. Kubogyň häzirki eýesi «Atletik Bilbao» toparyna ýaryşy dowam etmek ýeňil düşmedi. Myhmançylykda 4-nji liganyň wekili «UD Logronýesi» golsuz tamamlanan duşuşygyň ahyrynda penalti urgulary esasynda 4–3 hasap bilen ýeňmegi başardy. «Barselona» topary myhmançylykda 4-nji liganyň kluby «Barbastronyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. Katalonlaryň gollaryny Garsiýa (21), Lewandowski (31, 47) hem-de Torre (56) derweze girizdi. «Real Madrid» topary bolsa 4-nji liganyň başga bir wekili bilen, «Deportiwo Minera» bilen duşuşdy. Myhmanlaryň doly artykmaçlygynda geçen oýunda Madridden baran futbolçylar 5-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Ýer eýeleriniň derwezeçisiniň erjellik görkezen duşuşygyndaky gollary Walwerde (5), Kamawinga (13), Arda Güler (28, 88) hem-de Luka Modriç (55) geçirdi. 39 ýaşyndaky Modriç Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynda ilkinji gezek tapawutlanmagy başardy.

«Atletiko Madrid» myhmançylykda 3-nji ligadan gatnaşýan «Marbelýa» toparyny Antuan Grizmannyň (16) ýeke-täk goly bilen ýeňip, adyny 1/8 finala ýazdyrdy. Geçen möwsümiň finalçysy «Malýorka» topary myhmançylykda 4-nji liganyň kluby «Pontewedradan» 4–0 hasabynda utulyp, ýaryşdan çykdy. «Sewilýa» hem «Almeriýadan» 4–1 hasabynda asgyn geldi. «La Liganyň» wekili «Walýadolid» myhmançylykda 3-nji liganyň topary «Ourenseden» 3–2 hasabynda utuldy we ýaryş bilen hoşlaşdy.

Duşuşyklardan soň 1/8 finalyň bijeleri çekilip, «Real Madrid» «Selta» bilen, «Barselona» «Betis» bilen bije çekişdi. Kubogyň eýesi «Atletik» bu derejesini saklamak üçin ilki «Osasunany» ýeňmeli bolar. 1/8 finalyň duşuşyklary 14–16-njy ýanwarda oýnalar.

**1/8 finalyň duşuşyklary:** «Pontewedra»—«Hetafe», «Ourense» —«Walensiýa», «Almeriýa»—«Leganes», «Elçe»—«Atletiko Madrid», «Real Madrid»—«Selta», «Barselona»—«Betis», «Real Sosiedad»—«Raýo Wallekano», «Atletik Bilbao»—«Osasuna».

## Bir sözlemde

Tennis boýunça Awstraliýanyň Brisban şäherinde geçirilen zenanlaryň arasyndaky halkara ýaryşda (Brisbane International) belaruslу Aryna Sabalenka çempion bolup, ol finalda russiýaly Polina Kudermetowany 4:6, 6:3, 6:2 hasaplar bilen ýeňdi we karýerasyndaky 18-nji kubogyny gazandy.



Awstraliýanyň Brisban şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen halkara ýaryşyň (Brisbane International) finalynda amerikaly Reilli Opelkanyň 1-nji setde oýundan çekilmeginden soň çehiýaly Ýiri Leheçka çempion boldy we bu onuň 2-nji ATP çempionlygydyr.

Täze Zelandiýanyň Oklend şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «ASB Classic» tennis ýaryşynyň finalynda daniýaly Klara Tauson bilen ýaponiýaly Naomi Osaka duşuşyp, aziýaly tennisçiniň 2-nji setde duşuşykdan çekilmeginden soň ýewropaly tennisçi karýerasyndaky 3-nji kubogyny eýeledi.

Gonkongda geçirilen «ATP 250 Açyk» çempionatyň finalynda ýaponiýaly Kei Nişikorini 2:6, 6:1, 6:3 hasaplar bilen ýeňen fransiýaly Aleksandre Müller ýeňiş gazanyp, karýerasyndaky ilkinji kubogyny asmana göterdi.

Awstraliýanyň Pert we Sidneý şäherlerinde milli ýygyndylaryň arasynda geçirilen «United Cup» ýaryşynda ABŞ-nyň tennisçileri çempion bolup, olar finalda Polşanyň tennisçilerini 2:0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

Londonda geçirilen PDC darts boýunça 32-nji Dünýä çempionatynyň finalynda 17 ýaşyndaky angliýaly Lýuk Littler 3 gezek çempionlygyň eýesi, niderland Mihael wan Gerweni ýeňip, bu ýaryşda ýeňiş gazanan iň ýaş türgen hökmünde hasaba alyndy.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*10-njy ýanwar (anna)*

Nant – Monako (23:00)
**Borussiýa D – Baýer (00:30)**
Lasio – Komo (00:45)

*11-nji ýanwar (şenbe)*

Udineze – Atalanta (19:00)
**Torino – Ýuwentus (22:00)**
**Borussiýa M – Bawariýa (22:30)**
Milan – Kaliari (00:45)
Sewilýa – Walensiýa (01:00)
PSW – AZ Alkmaar (01:00)
Renn – Marsel (01:00)

*12-nji ýanwar (ýekşenbe)*

Feýenoord – Utreht (18:30)
Wenesiýa – Inter (19:00)
Leipsig – Werder (19:30)
**Arsenal – M. Ýunaýted (20:00)**
Atletiko – Osasuna (20:15)
Istanbul BŞ – Galatasaraý (21:00)
**Bolonýa – Roma (22:00)**
**Ispaniýa Super Kubogynyň finaly (00:00)**
Napoli – Werona (00:45)
PSŽ – Sent-Etien (00:45)

*13-nji ýanwar (duşenbe)*

R. Sosiedad – Wilýarreal (01:00)

*14-nji ýanwar (sişenbe)*

Komo – Milan (22:30)
**Brentford – Man. Siti (00:30)**
**Çelsi – Bornmut (00:30)**
**Atalanta – Ýuwentus (00:45)**
**N. Forest – Liwerpul (01:00)**

*15-nji ýanwar (çarşenbe)*

Nýukasl – Wulwerhempton (00:30)
Inter – Bolonýa (00:45)
**Arsenal – Tottenham (01:00)**

*16-njy ýanwar (penşenbe)*

M. Ýunaýted – Southempton (01:00)

# «Milanyň» 8-nji Super Kubogy

Italiýanyň Super Kubogyna «Milan» topary mynasyp boldy. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýad şäherinde geçirilen ýaryşyň finalynda «Milan» topary şäherdeşi «Interi» taryhy kembek bilen ýeňlişe sezewar etdi. Ýagny köne bäsdeşiniň 2–0 hasabynda öňe saýlanandygyna garamazdan 3 gol geçirip, ýeňiş gazanmagy başardy. «Al-Awwal Park» stadionynda oýnalan finalda «Inter» topary hüjümçileri — Lautara Martinesiň 45+1-nji hem-de Mehdi Tareminiň 47-nji minutdaky gollary esasynda 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik «Milan» topary üçin 50-nji minutda Rafael Leaonyň oýna girmeginden soň ähli zat üýtgedi. 52-nji minutda Leaonyň garşysyna gödeklige ýol berleni üçin bellenen jerime urgusyny tora girizen Teo Hernandes aratapawudy azaltdy. Oýnuň 80-nji minutynda Teo Hernandes bu gezek asist etdi. Onuň jerime meýdançasynyň içine geçiren topuny alan Kristian Pulişiç hasaby deňledi. Duşuşygyň 90+3-nji minutynda bolsa Leaonyň pasynda topy boş derweze gönükdiren Temmi Abraham «Milana» ýeňiş getiren oýunçy boldy. Şunlukda, 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan «Milan» 8 ýyldan soň 8-nji gezek Italiýanyň Super Kubogyny eýeläp, «Inter» bilen deňleşdi. «Milan» topary 1988-nji ýyldan bäri geçirilýän bu ýaryşda mundan ozal, 1988-nji, 1992-nji, 1993-nji, 1994-nji, 2004-nji, 2011-nji we 2016-njy ýyllarda ýeňiji bolupdy. «Milan» topary 5 gezegem finalda ýeňlipdi.



«Milandan» soň yzly-yzyna 3 gezek eýelän 2-nji topar bolan «Interiň» bu ýeňişli ýörişi tamamlanyp, olar hem edil köne bäsdeşleri ýaly 5-nji sapar finalda asgyn geldi.



Italiýanyň Super Kubogyny iň köp gazanan topar «Ýuwentus» bolup, turinliler 9 gezek kubogy eýeledi.

«Milanyň» tälimçisi Seržiu Konseýsau eýýäm 2-nji duşuşygynda kubok gazanyp, «Serie A»-nyň başlan 1929/30 möwsüminden bäri bu toparda iň çalt şeýle başarnyk görkezen tälimçi hökmünde hasaba alyndy.

«Milan» ýarym finalda «Ýuwentusy» 1–0-dan gelip, 2–1 hasabynda ýeňipdi (Ýyldyz 21 — Pulişiç 71 p, Gatti 76 ö.d.). «Inter» bolsa «Atalantany» Denzel Dumfirisiň 49-njy we 61-nji minutlarda geçiren gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňmegi başarypdy.

«Milan» ýeňiji hökmünde 8 million ýewro pul baýragy bilen sylaglanar.

# Soňky 13 ýylda 12-nji gezek

Fransiýanyň Super Kubogyna finalda «Monakony» ýeňen PSŽ mynasyp boldy. Kataryň paýtagty Dohadaky «Stadium 974»-de oýnalan duşuşykda çempion PSŽ wise-çempion «Monakony» 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 39 müň 682 janköýeriň tomaşa eden duşuşygyndaky ýeke-täk goly 90+2-nji minutda Usman Dembele geçirdi. PSŽ topary bu kubogy bassyr 3-nji, soňky 13 ýylda 12-nji, umumylykda-da 13-nji gezek eýelemegi başardy. Soňky 13 ýylda diňe 2021-nji ýylda kubogy alyp bilmedik PSŽ bu ýaryşda ilkinji gezek 1995-nji ýylda ýeňiji bolupdy. Soňkusy 25 ýyl öň bu kubogy 4 sapar gazanan (1961, 1985, 1997, 2000) «Monako» şonça gezegem ýeňildi (1960, 2017, 2018, 2024).

1949-njy ýyldan bäri geçirilýän Super Kubogy duşuşyklarynda iň köp PSŽ ýeňiş gazanyp, olar sanawyň başyny çekýär. 13 gezek kubogy alan PSŽ-den soň «Lion» 8 kubok bilen 2-nji ýerde barýar. «Reýms» bilen «Sent-Etien» toparlary-da 5 gezek ýeňiji boldy.



# Awstriýaly lyžaçylar öňe saýlandylar

Lyžaly tramplinden bökmek boýunça her ýylyň dekabr-ýanwar aýlarynda geçirilýän «Four Hills Tournament» ýaryşynda awstriýaly türgenler öňe saýlandylar. 4 ýerde – Germaniýanyň Oberstdorf, Garmiş-Partenkirşen şäherçelerinde hem-de Awstriýanyň Innsbruk şäherinde, Bişofshofen şäherçesinde geçirilýän ýaryşlarda alnan utuklaryň jemi boýunça ýeňiji kesgitlenýär. Şoňa görä, Daniel Çofening iň köp utuk toplan lyžaçy boldy. Ol Garmiş-Partenkirşende hem-de Bişofshofende münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. 22 ýaşyndaky türgen 1 müň 194,4 utuk toplap, ilkinji gezek «Four Hills» ýaryşynyň çempiony boldy.



Kümüş medaly başga bir awstriýaly türgen Ýan Hörl gazanyp, ol 4 tapgyryň 3-sinde 2-nji orny eýeledi. 1 müň 193 utuk toplan Hörl geçen möwsümi umumylykda 4-nji ýerde tamamlapdy.

Münberiň 3-nji basgançagyna bu ýylam Ştefan Kraft çykdy. 31 ýaşyndaky türgen Oberstdorfda hem-de Innsbrukda ýeňiji bolup, Bişofshofende 3-nji ýeri eýeledi. Garmiş-Partenkirşende 8-nji bolmagy ony çempionlykdan daşlaşdyrdy. 2015-nji ýylyň çempiony Kraft şu möwsümde 1 müň 190,3 utuk gazandy.

# Ikisi hem 4-nji ýeňşini gazandy

Italiýanyň demirgazygyndaky Toblak şäherçesinde hem-de Wal di Fiemme sebitinde geçirilen 19-njy «Tour de Ski» lyža ýaryşynda norwegiýaly lyžaçylar ýeňiji boldy. Erkekleriň arasynda norwegiýaly Ýohannes Hösflot Klaebo 1 möwsümden soň 4-nji çempionlygyny baýram etdi. Ol ýaryşy umumylykda 3 sagat 24 minut 17,3 sekuntda tamamlap, awstriýaly Mika Wermoýlenden 1 minut 23,1 sekunt, fransiýaly Hugo Lapalusdan bolsa 1 minut 43,7 sekunt öňe saýlandy. Klaebo mundan öň 2019-njy, 2022-nji we 2023-nji ýyllarda çempion bolupdy. Norwegiýaly lyžaçy 4-nji çempionlygyny gazanyp, bu ugruň öňdebaryjysy şweýsariýaly Dario Kolonýa bilen deňleşdi.





Edil Klaebo ýaly, onuň zenan watandaşy Terese Ýohaug hem 4-nji çempionlygyny gazandy. Ýaryşy 3 sagat 46 minut 59 sekuntda tamamlan Ýohaug 7 tapgyryň soňky 2-sinde has tijenip, watandaşy Astrid Öýre Slindi hem-de geçen ýylyň çempiony, amerikaly Jessi Digginsi yzda galdyrdy. Öýre Slind ýeňijiden 47,5 sekunt, Diggins bolsa, 2 minut 41,3 sekunt soň pellehana geldi. Mundan öň 2014-nji, 2016-njy we 2020-nji ýyllarda çempion bolan Ýohaug 4-nji ýeňşini gazanmak bilen, bu ugurda polşaly Ýustina Kowalçygyň rekordyny gaýtalady.

### PREMIER LEAGUE (20) – 32 gol

**Tottenham – Nýukasl: 1-2** (Solanke 4 – Gordon 6, Isak 38), **Bornmut – Ewerton: 1-0** (Bruks 77), **Aston Willa – Lester: 2-1** (Barkli 58, Beýli 76 – Mawididi 63), **K. Palas – Çelsi: 1-1** (Mateta 82 – Palmer 14), **Man. Siti – West Ham: 4-1** (Soufal 10 ö.d., Holann 42, 55, Foden 58 – Füllkrug 71), **Southempton – Brentford: 0-5** (Şade 6, Mbemo 62, 69 p, Lýuis-Potter 90+2, Wissa 90+4), **Braýton – Arsenal: 1-1** (Žoao Pedro 61 p – Nwaneri 16), **Fulham – Ipswiç: 2-2** (Himenes 69 p, 90+1 p – Şmodiks 38, Delap 71 p), **Liwerpul – M. Ýunaýted: 2-2** (Gakpo 59, Salah 70 p – Martines 52, Diallo 80), **Wulwerhempton – N. Forest: 0-3** (Gibbs-Waýt 7, Wud 44, Awonýi 90+4)

### LIGUE 1 (16) – 27 gol

**Nissa – Renn: 3-2** (Gessand 12, Diop 34, Lýabord 45+5 – Kalimuendo 27, Trýuffer 49), **Sent-Etien – Reýms: 3-1** (Boakýe 50, 57, Stassen 81 – Nakamura 42), **Lill – Nant: 1-1** (Gudmundsson 40 – Ablin 70 p), **Lion – Monpelie: 1-0** (Faýad 90+1 ö.d.), **Lans – Tuluza: 0-1** (Abuhlal 73 p), **Anže – Brest: 2-0** (Lepol 6, Niang 90+5), **Strasbur – Oser: 3-1** (Diarra 45+4 p, Lemarşal 59, Emegha 87 – Traore 14), **Marsel – Le Hawr: 5-1** (Ronžie 25, Nadir 39, Mope 43, Wai 66, Garsiýa 75 – A. Aýew 85)

### SÜPER LIG (18) – 39 gol

**Ç. Rizespor – Beşiktaş: 1-1** (Žedson 38 ö.d. – Muçi 45+3), **Alanýaspor – Konýaspor: 2-1** (Makuta 9, Kordowa 54 – Krames 90+7), **Adana Demirspor – Istanbul BŞ: 0-1** (Dawidson 32), **Antalýaspor – Eýüpspor: 1-4** (Safuri 48 – Tiam 32, 35 p, Kutuju 41, Ampem 62), **Galatasaraý – Göztepe: 2-1** (Osimhen 10 p, Akgün 61 – Romulo 27), **Samsunspor – Trabzonspor: 2-1** (Holse 30, 75 – Banza 49), **Kasympaşa – Gaziantep: 2-2** (Da Koşta 7, 41 – Okereke 9, Derwişoglu 83), **Bordrumspor – Kaýserispor: 1-1** (Şen 77 – Baoken 48), **Fenerbahçe – Hataýspor: 2-1** (En-Nesiri 16, 45+5 – Butobba 33)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 19 | 14 | 4 | 1 | 47-19 | 46 |
| 2 | ARSENAL | 20 | 11 | 7 | 2 | 39-18 | 40 |
| 3 | N. FOREST | 20 | 12 | 4 | 4 | 29-19 | 40 |
| 4 | ÇELSI | 20 | 10 | 6 | 4 | 39-24 | 36 |
| 5 | NÝUKASL | 20 | 10 | 5 | 5 | 34-22 | 35 |
| 6 | MAN. SITI | 20 | 10 | 4 | 6 | 36-27 | 34 |
| 7 | BORNMUT | 20 | 9 | 6 | 5 | 30-23 | 33 |
| 8 | ASTON WILLA | 20 | 9 | 5 | 6 | 30-32 | 32 |
| 9 | FULHAM | 20 | 7 | 9 | 4 | 30-27 | 30 |
| 10 | BRAÝTON | 20 | 6 | 10 | 4 | 30-29 | 28 |
| 11 | BRENTFORD | 20 | 8 | 3 | 9 | 38-35 | 27 |
| 12 | TOTTENHAM | 20 | 7 | 3 | 10 | 42-30 | 24 |
| 13 | M. ÝUNAÝTED | 20 | 6 | 5 | 9 | 23-28 | 23 |
| 14 | WEST HAM | 20 | 6 | 5 | 9 | 24-39 | 23 |
| 15 | KRISTAL PALAS | 20 | 4 | 9 | 7 | 21-28 | 21 |
| 16 | EWERTON | 19 | 3 | 8 | 8 | 15-25 | 17 |
| 17 | W. HEMPTON | 20 | 4 | 4 | 12 | 31-45 | 16 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 20 | 3 | 7 | 10 | 20-35 | 16 |
| 19 | LESTER SITI | 20 | 3 | 5 | 12 | 23-44 | 14 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 20 | 1 | 3 | 16 | 12–44 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 18 |
| 2 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 16 |
| 3 | Koul PALMER (Çelsi) | 13 |
| 4 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 13 |
| 5 | Brian MBEMO (Brentford) | 13 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 16 | 12 | 4 | 0 | 44-14 | 40 |
| 2 | MARSEL | 16 | 10 | 3 | 3 | 37-19 | 33 |
| 3 | MONAKO | 16 | 9 | 3 | 4 | 26-16 | 30 |
| 4 | LILL | 16 | 7 | 7 | 2 | 26-16 | 28 |
| 5 | LION | 16 | 8 | 4 | 4 | 28-20 | 28 |
| 6 | NISSA | 16 | 7 | 6 | 3 | 31-21 | 27 |
| 7 | LANS | 16 | 6 | 6 | 4 | 19-15 | 24 |
| 8 | TULUZA | 16 | 7 | 3 | 6 | 18-17 | 24 |
| 9 | OSER | 16 | 6 | 3 | 7 | 24-26 | 21 |
| 10 | STRASBUR | 16 | 5 | 5 | 6 | 28-28 | 20 |
| 11 | REÝMS | 16 | 5 | 5 | 6 | 21-21 | 20 |
| 12 | BREST | 16 | 6 | 1 | 9 | 24-29 | 19 |
| 13 | RENN | 16 | 5 | 2 | 9 | 22-23 | 17 |
| 14 | ANŽE | 16 | 4 | 4 | 8 | 16-26 | 16 |
| 15 | SENT-ETIEN | 16 | 5 | 1 | 10 | 15-35 | 16 |
| 16 | NANT | 16 | 3 | 6 | 7 | 18-25 | 15 |
| 17 | LE HAWR | 16 | 4 | 0 | 12 | 12--34 | 12 |
| 18 | MONPELIE | 16 | 2 | 3 | 11 | 15-39 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jonatan DEWID (Lill) | 11 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 10 |
| 3 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 10 |
| 4 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 8 |
| 5 | Keýto NAKAMURA (Reýms) | 7 |

**TÜRKIÝÄNIŇ ÇEMPIONATY /SÜPER LIG/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GALATASARAÝ | 17 | 15 | 2 | 0 | 49-20 | 47 |
| 2 | FENERBAHÇE | 17 | 12 | 3 | 2 | 42-16 | 39 |
| 3 | SAMSUNSPOR | 17 | 10 | 3 | 4 | 31-18 | 33 |
| 4 | EÝÜPSPOR | 18 | 8 | 6 | 4 | 29-19 | 30 |
| 5 | GÖZTEPE | 17 | 8 | 4 | 5 | 32-23 | 28 |
| 6 | BEŞIKTAŞ | 17 | 7 | 6 | 4 | 26-19 | 27 |
| 7 | ISTANBUL BŞ | 17 | 7 | 5 | 5 | 28-23 | 26 |
| 8 | GAZIANTEP | 17 | 6 | 4 | 7 | 24-26 | 22 |
| 9 | KASYMPAŞA | 17 | 4 | 9 | 4 | 24-25 | 21 |
| 10 | ALANÝASPOR | 17 | 5 | 6 | 6 | 18-20 | 21 |
| 11 | Ç. RIZESPOR | 17 | 6 | 3 | 8 | 17-26 | 21 |
| 12 | ANTALÝASPOR | 17 | 6 | 3 | 8 | 21-32 | 21 |
| 13 | KONÝASPOR | 17 | 5 | 5 | 7 | 19-25 | 20 |
| 14 | TRABZONSPOR | 17 | 4 | 7 | 6 | 25-24 | 19 |
| 15 | SIWASSPOR | 17 | 5 | 4 | 8 | 20-27 | 19 |
| 16 | KAÝSERISPOR | 17 | 3 | 7 | 7 | 17-33 | 16 |
| 17 | BODRUMSPOR | 17 | 4 | 3 | 10 | 13-23 | 15 |
| 18 | HATAÝSPOR | 17 | 1 | 6 | 10 | 15-29 | 9 |
| 19 | ADANA D. SPOR | 17 | 2 | 2 | 13 | 15-37 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kşiştof PÝONTEK (Istanbul BŞ) | 12 |
| 2 | Simon BANZA (Trabzonspor) | 11 |
| 3 | Mame TIAM (Eýüpspor) | 10 |
| 4 | Wiktor OSIMHEN (Galatasaraý) | 10 |
| 5 | Çiro IMMOBILE (Beşiktaş) | 9 |

# «Nottingam Forestiň» yzly-yzyna 6-njy ýeňşi

**Angliýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi duşuşygynda sanawyň lideri «Liwerpul» öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýted» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda ýeňiş gazanan bolman, gollaryň 4-si hem 2-nji ýarymda geçirildi. Duşuşykda ýer eýeleriniň adyndan Gakpo bilen penaltiden Salah, myhmanlardan Lisandro Martines bilen Amad Diallo tapawutlandy. «Arsenalyň» myhmançylykda «Braýton» bilen deňme-deň bolan tapgyrynda «Nottingam Forest» topary golaýda tälimçilige Witor Pereýrany belläp, yzly-yzyna şowly netijeler gazanan «Wulwerhemptonyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Myhmanlaryň gollaryny Gibbs-Waýt, Wud hem-de Awonýi öz atlaryna ýazdyrdylar. «Arsenal» bilen utugyny deňläp, 3-nji orunda barýan «Nottingam Forest» bassyr 6-njy ýeňşini gazandy. Olar soňky sapar ýokary ligada 1967-nji ýylda yzly-yzyna 6 oýunda ýeňiş gazanypdy. «Kristal Palas» bilen 1-1 hasabynda deňme-deň oýnan «Çelsi» toparyna 4 oýundan bäri ýeňiş gazanmak başardanok. Soňky çempion «Mançester Siti» öz meýdançasynda «West Ham» bilen duşuşyp, 4-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Soufalyň 10-njy minutdaky awtogoly bilen hasaby açan şäherlileriň beýleki gollaryny Holann (2) bilen Foden geçirdi. «Tottenham» öz meýdançasynda «Nýukasldan» Solankeniň 4-nji minutdaky goly bilen öňe geçendigine garamazdan 2-1 hasabynda ýeňildi. «Nýukaslyň» gollaryny Gordon bilen bassyr 7-nji duşuşygynda tapawutlanan Isak geçirdi.



**Fransiýanyň çempionatynda** arakesme tamamlanyp, 16-njy tapgyrda «Marsel» öz meýdançasynda «Le Hawr» toparyndan 5-1 hasabynda üstün çykdy. Ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Ronžie, Nadir, Mope, Wai hem-de Garsiýa geçirdi. «Lion» bolsa öz meýdançasynda «Monpelieni» Faýadyň 90+1-nji minutda öz derwezesinden geçiren ýeke-täk goly esasynda ýeňmegi başardy. Bu tapgyryň iň esasy duşuşygy dekabr aýynda oýnalyp, PSŽ myhmançylykda «Monakony» 4-2 hasabynda ýeňipdi. «Lill» öz meýdançasynda «Nant» bilen 1-1 hasabynda deňme-deň oýnady.



**Türkiýäniň çempionatynda** sanawyň ýeňlişsiz lideri «Galatasaraý» öz meýdançasynda «Göztepeden» Osimhen (p) hem-de Ýunus Akgünüň gollary bilen 2-0 hasabynda üstün çykdy. Şol netije «Fenerbahçe» bilen «Hataýsporyň» arasyndaky oýunda-da hasaba alyndy. «Fenerbahçeniň» gollarynyň ikisini hem En-Nesiri öz adyna ýazdyrdy. «Beşiktaşyň» myhmançylykda «Çaýkur Rizespor» bilen deňme-deň oýnan tapgyrynda «Samsunspor» öz meýdançasynda «Trabzonspory» Holseniň gollary esasynda 2-1 hasabynda ýeňip, 3-nji basgançakdaky ornuny saklady.

**Ispaniýanyň çempionatynda** 12-nji tapgyryň galdyrylan oýnunda «Real Madrid» myhmançylykda «Walensiýany» kynlyk bilen ýeňdi. 27-nji minutda Hugo Duronyň goly bilen öňe geçen «Walensiýanyň» derwezesinden ýeňiş gollaryny 85-nji minutda Luka Modriç hem-de 90+5-nji minutda Jud Bellingam geçirdi. Wakalara baý bolan oýunda 55-nji minutda Bellingam penaltini salyp bilmedi. 61-nji minutda Mbappeniň goly ofsaýt sebäpli hasaba alynmady. 79-njy minutda bolsa Winisius Junior gyzyl kart aldy. Sanawyň 1-nji ornuna geçen «Real Madrid» 2021-nji ýyldan soň ilkinji gezek «Walensiýany» myhmançylykda ýeňmegi başardy.

**Italiýanyň çempionatynda** 19-njy tapgyryň çäginde 7 oýun geçirilip, olaryň 3-si golsuz, 4-si deňlikde tamamlandy. Tapgyryň merkezi duşuşygynda – Rim derbisinde «Roma» öz meýdançasynda «Lasiony» Pellegrininiň (10) hem-de Salemakersiň (18) gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňdi. Myhmançylykda «Fiorentinany» Neres (29), Lukaku (54 p) hem-de MakTomineýiň (68) gollary bilen 3-0 hasabynda utan «Napoli» 1 oýny artykmaç liderlige dolandy.



**Şotlandiýanyň çempionatynda** dünýäniň iň meşhur derbisinde – «Old Firm» derbisinde «Reýnjers» şäherdeşi «Seltik» toparyny 3-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Glazgo şäheriniň gök reňklileriniň gollaryny Ýanis Haji (7), Robin Pröpper (66) hem-de Danilo (81) geçirdi. Bu «Seltik» toparynyň möwsümdäki ilkinji ýeňlişidir. Bu duşuşyk 2 toparyň özara 444-nji duşuşygy bolup, olary hersiniň 170 ýeňşi bar.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# ÝYLYŇ GARAŞYLÝAN FILMLERI – 1



Dünýäniň 7-nji sungaty hasaplanýan kino senagatynda adatça her ýyl Ýer şary boýunça 7-8 müň film ekranlaşdyrylýar. Şolaryň agramly bölegi amerikan hem hindi filmleri bolup, soňky ýyllarda Nigeriýada-da kino önümçiligi san babatda juda köpeldi. 2025-nji ýylda-da ozalky ýyllarda bolşy ýaly, müňlerçe film tomaşaçylaryň dykgatyna ýetiriler. Şolaryň käbirleri kino muşdaklary tarapyndan sabyrsyzlyk bilen garaşylýan ekran eserleridir. Olaryň arasynda ozalky filmleriň dowamy bolan kinolar, animasiýalar, edebiýat eserleri boýunça surata düşürilenler we başgalar bar. Elbetde, surata düşürilen filmleriň ählisi şowly ýa-da tomaşaçylardyr tankytçylaryň göwnünden turýar diýip bolmaz. Esasanam, «streaming» wideo platformalaryň ýüze çykmagyndan soň, filmleriň sany köpelse-de, käbirleriniň hili o diýen öwerlikli däl. Elbetde, bu garaşylýan kinolaryň ählisiniň hem şowly boljakdygyna güwä geçip bolmaz. Ýöne režissýoryna, artistlerine, filmiň mazmunyna seredip, şol kinolardan uly tama edilýär. Ýeri gelende, kinotankytçylar bilen adaty tomaşaçylaryň arasynda uly tapawudyň bardygyny bellemek gerek. Kinotankytçylaryň halan kinolaryny tomaşaçylar halaman bilýär ýa-da adaty kino muşdaklarynyň göwnünden turan filmler bilermenlerden ýokary baha alman bilýär. Iki tarapyň göwnüni tapmak o diýen ýeňil iş däl. Şeýle-de bolsa kinotankytçylaryň, hem-de adaty kino söýüjileriň göwnünden turýan eserler hem az däl.

2025-nji ýylda diňe «Hollywood» studiýalarynyň önümlerini hasaba alanyňda, epesli filmiň bardygyna göz ýetirmek bolýar. «Jurassic Park», «Capitan America», «Mission Impossible», «Avatar», «The Fantastic Four», «Superman», «Mickey 17», «F1» ýaly kinolar şu ýylyň dowamynda kinoteatrlaryň ekranlaryny bezejek esasy filmler hasaplanýar. Tomsuň ilkinji 2 aýynda, esasan hem, ýylyň iri taslamalary, «pop-corn»-lar, ýylyň ahyrlarynda bolsa, baýraklara ymtylýan kinolar ekranlara çykýar.

Şolaryň käbirleri baradaky maglumatlary size ýetirýäris.

**«Wolfman»**

Edebiýatyň hem kino sungatynyň özbolușly, gorkuly gahrymany Gurt



adam baradaky täze filme Lei Wonnell režissýorlyk edip, 17-nji ýanwardan görkezilip başlanjak ekran eserinde Kristofer Abbott bilen Julia Garner esasy keşpleri ýerine ýetirýär.

**«Presence»**

Meşhur režissýor Stiwen Soderbergiň şu ýylky ilkinji kinosy «Presence» diýlip atlandyrylýar. Meşhur ssenariçi Dewid Koeppiň ýazan edebi esasynda surata alnan gorkuly görnüşdäki kinoda Lýusi Lýu, Julia Foks, Kris Salliwan dagy dürli keşpleri janlandyrýar.



**«Cleaner»**

Ussat režissýor Martin Kampbelliň täze kinosynda Deýzi Ridli esasy keşpde bolup, Klaýw Owen bilen Taz Skaýlar ikisi hem beýleki keşpleri janlandyrýar. 21-nji fewralda görkezilip başlanjak uruşly trillerde ýesir alnanlaryň halas edilişi barada gürrüň berilýär.

**«Love Hurts»**

Uruşly komediýa filminde baş keşpleri oskarly aktýor Jonatan Ke Kuan, oskarly aktrisa Ariana Debos janlandyrýar. Filmiň režissýory Jonatan Eusebio.

**«You're Cordially Invited»**

Ýylyň öňe saýlanýan komediýalarynyň biri bolan bu filmde Riiz Wizerspun bilen Will Ferrell baş keşplerde. Nikolas Stelleriň režissýorlyk eden kinosy şu aýyň ahyrynda «Amazon»-yň tekjelerinde orun alar.

**«Love Me»**

Amerikaly doganlar Säm we Endi Zukerolaryň täze filminde Kristen Stýuwart bilen Stiwen Ýeun baş keşpleri janlandyrýar. Postapokaliptik we romantik görnüşdäki filmde adamzat medeniýeti barada söhbet açylýar.

**«In the Lost Lands»**

Meşhur «Resident Evil» filmleriniň režissýory Pol W.S. Anderson täze kinosynda baş keşbi ýanýoldaşy, tanymal aktrisa Milla Ýowowiçe ynanyp, fantastik görnüşdäki film «Tagt oýunlary» serialynyň esaslandyryjysy Jorj R.R. Martiniň gysga hekaýasy esasynda surata düşürildi.



**«Captain America: Brave New World»**

Täze gahrymanlary bilen garaşylýan başarnygy gazanyp bilmedik «Marvel» ýene-de öňki hyýaly gahrymanlarynyň başdan geçirmelerine dolanýar. Şolaryň ilkinjisi Kapitan Amerika filminiň täze nusgasy bolup, oňa Julius Onah režissýorlyk edýär. Filmde baş keşbi Antoni Meki, Denni Ramires, Şira Haas dagy janlandyrýar. Film 14-nji fewralda ekranlara ýaýradylar.



**«Mickey 17»**

Mundan 5 ýyl ozal, «Mugthorlar» filmi bilen Oskar gazanan koreýaly režissýor Bun Žun-hoňuň 6 ýyl soň ekranlaşdyran ilkinji kinosynda Robert Robertson, Naomi Aki, Stiwen Ýeun, Mark Ruffalo dagy surata düşýär. «Warner Bros.» studiýasynyň garamagyndaky filmiň býujeti 150 million dollara deňdir.



**«Black Bag»**

Stiwen Soderbergiň ýene-de Dewid Koeppiň ýazan ssenarisi esasynda surata düşüren we köpleriň sabyrsyzlyk bilen garaşýan, 60 million dollar býujetli bu filmi mart aýynyň 14-inde ekranlara ýaýradylar. Filmde Keýt Blanşett, Maýkl Fassbender, Naomi Harris, Piers Brosnan, Tim Býurke ýaly belli artistler dürli keşpleri janlandyrýar.

**«Snow White»**

«Haýran galdyryjy Möý adam» filmleriniň režissýory Mark Webbiň 8 ýyldan soň täze kinosy peýda bolýar.




Soňky 8 ýylda, esasan hem, seriallara režissýorlyk eden režissýor meşhur erteki «Ak garyň» täze nusgasy üçin kameranyň arkasyna geçdi. Mýuzikal görnüşdäki filmde Raçel Zegler, Gal Gadot esasy keşpleri ýerine ýetirýär.

**«A Minecraft Movie»**



Wideo oýunlar esasynda filmleriň hataryna goşuljak bu komediýa Jeýred Hess režissýorlyk edip, onda Jäk Bläk, Jeýson Momoa, Emma Maýers, Danielle Bruks dagy surata düşdi. Uly-kiçi hemmäniň söýgüli bu oýny esasyndaky film 4-nji aprelde görkeziler.

**«The Amateur»**



Britaniýaly režissýor Jeýms Hawesiň «Höwesjeňler» atly bu trillerinde oskarly aktýor Rami Malek baş keşbi ýerine ýetirip, oňa Laurens Fişburn, Reýçel Brosnahan, Jon Berntal dagy ýoldaşlyk edýär. Film aprel aýynda tomaşaçylara ýetiriler.

**«The Electric State»**



«Netflix»-iň önümi bolan bu filme doganlar Antoni hem-de Jou Russolar režissýorlyk edip, ekran eserinde Milli Bobi Brawn, Krist Pratt, Jonatan Ke Kuan, Wudi Harrelson, Braýan Koks, Stenli Tuççi ýaly ussat artistler çykyş edýär. 320 million dollar býujetli ylmy-fantastik, komediýa görnüşli film mart aýynda prokatlara ýaýradylar.

**«Golden»**

Režissýor Miçel Gondriniň surata düşüren mýuzikal komediýa-drama görnüşli bu filminde Kelwin Harrison Junior, Halle Baili, Da'Win Joý Rendolf, Braýan Taýri Henri ýaly artistler dürli keşpleri ýerine ýetirýär.

**«Final Destination: Bloodlines»**

Özbolușly gorkuly filmler toplumy bolan «Soňky duralga» kinosynyň nobatdaky bölümi 15 ýyldan soň ekranlara dolanýar. Zäk Lipowski bilen Adam B. Steiniň režissýorlyk eden bu kinosy maý aýynda ekranlara çykýar we filmde Toni Todd, Brek Bassinjer dagy surata düşýär.

**«A Big Bold Beautiful Journey»**

«Hollywood»-yň asly koreýaly režissýorlaryndan Kogonadanyň surata düşüren bu fantastik we romantik görnüşli kinosynda Margo Robbi bilen Kolin Farrell esasy keşpleri janlandyryp, olara başga-da birnäçe meşhur artistler ýoldaşlyk edýär.

**«Mission: Impossible – The Final Reckoning»**



Ilkinjisi 1996-njy ýylda ekranlara çykan we Tom Kruzuň baş keşpde surata düşen «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa» filmleriniň 8-njisi 23-nji maýda ekranlara çykar. Mundan öňki 3 filmde bolşy ýaly, ýene-de kameranyň arkasyna Kristofer MakKuarri geçdi. Köpleriň sabyrsyzlyk bilen garaşýan bu filminde kino söýüjiler Itan Hantyň başdan geçirmelerine soňky gezek tomaşa edip bilerler. 400 million dollar býujetli film ýylyň iň iri taslamalarynyň biri hasaplanýar.

**«Karate Kid: Legends»**



Gonkongly aktýor Jeki Çan Jenap Han keşbine ýene bir ýola dolanýar. Ussat aktýor «Karateçi çaga» filminiň nobatdaky bölüminde surata düşýär. «Columbia Pictures»-iň 100 million dollar býujetli filmi maý aýynyň 30-yna ekranlara çykar. Filmde Jeki Çandan başga-da, Ralf Makkio, Ben Wang, Joşua Jekson dagy çykyş edýär.

**«From the World of John Wick: Ballerina»**

Öňünden çykanyň ýoguna ýanýan Jon Wikiň spin-off, ýagny ýanama kinosy «Ballerina», esasan, uruşly filmleri halaýanlaryň sabyrsyzlyk bilen garaşýan kinolarynyň biridir. «Ýer asty dünýäsi» (Underworld) filmleri bilen adygan Len Waýsmanyň režissýorlyk eden kinosynda baş keşbi Ana de Armas ýerine ýetirýär. Filmde Anjelika Hýuston, Gabriel Birn, Iýn MakŞeýn ýaly artistler bilen bir hatarda, Keanu Riwz hem surata düşýär. «Lionsgate» studiýasynyň önümi bolan film iýun aýynyň başlarynda ekranlarda peýda bolar.

**«28 Year Later»**



Oskarly iňlis režissýory Denni Boýluň mundan 23 ýyl ozal «28 günden soň» atly postapokaliptik zombili filmine ýokary baha berlipdi. Režissýor bu gezek «28 ýyldan soň» ady bilen şol seriýanyň 2-nji kinosyny taýýarlaýar. Hatda geljek ýyl filmiň 3-njisiniň hem çykjakdygy habarlarda beýan edilýär. 2-nji filmde Jodi Komer, Aaron Teýlor-Jonson, Raýf Faýns, Jäk O'Konnell hem-de oskarly aktýor Killian Mörfi hem surata düşýär. 75 million dollar çykdajy edilen film 20-nji iýundan başlap, ähli kinoteatrlara ýaýradylar.

**«M3GAN 2.0»**

2022-nji ýyldaky 1-nji filmiň dowamy bolan bu ylmy-fantastik görnüşli ekran eserine ýene-de Jerard Jonstoun režissýorlyk edýär. Filmde Allison Williams baş keşpde surata düşýär. Film iýun aýynyň soňky hepdesinde kinoteatrlardaky ornuny alar.

**«How to Train Your Dragon»**

«Hollywood»-da ozalky animasiýalary janly filme öwürmek däbi ýokary depginde dowam edýär. Kino muşdaklary bu gezek «Aždarhany nädip eldekileşdirmeli?» atly animasiýanyň janly filmine tomaşa ederler. Din Debluanyň režissýorlyk edýän kinosynda Meýson Tarnes, Jerard Batler, Niko Parker, Nik Frost dagy dürli keşplerde surata düşýär. Film 13-nji iýunda görkeziler.




**«F1»**

Iki ýyl öň prokatda taryhy başarnyk gazanan «TopGan: Maweriks» filminiň režissýory Ýosef Kosinskiniň täze kinosy «F1» diýlip atlandyrylýar. Dünýä belli awtoulag ýaryşy F1-iň taryhynda bolup geçen pajygaly wakalaryň biriniň beýan edilýän kinosynda Bred Pitt baş keşpde surata düşýär. Damson Idris, Kerri Kondon, Tobias Menzis, Hawier Bardem dagynyň, şol sanda F1-iň häzirki meşhur sürüjileriniň hem öz hakyky keşpleri bilen surata düşen kinosy 25-nji iýunda kinoteatrlara ýaýradylar.

**«Superman»**

«Marvel»-iň esasy bäsdeşi «DC Studios» nobatdaky gezek «Supermen» filmini tomaşaçylara ýetirýär. Jeýms Gann filmiň režissýory bolup, Supermeniň keşbinde ýaş aktýor Dewid Korenswet çykyş edýär. Raçel Brosnahan, Nikolas Hult, Edi Gategi, Izabela Mersed, Natan Fillion dagy hem beýleki keşplerde surata düşýär. Filmiň görkeziljek wagty 11-nji iýul diýlip kesgitlenilýär.



**«Jurassic World Rebirth»**

1990-njy ýyllaryň başlarynda ussat režissýor Stiwen Spilbergiň başyny başlan «Ýura eýýamynyň seýilgähi» filmleri häzirki wagtda «Ýura eýýamynyň dünýäsi» ady bilen kino sungatyny bezemegini dowam edýär. Umumylykda 7-nji kino bolan «Ýura eýýamynyň dünýäsi: täzeden dogluş» filmi Garet Edwardsyň režissýorlygynda ekanlara çykar. Meşhur ssenariçi Dewid Koeppiň galamyndan çykan ssenari esasynda surata düşürilen filmde tanymal aktrisa Skarlett Ýohansson, şol sanda oskarly aktýor Maherşala Ali, Jonatan Baili, Rupert Frend dagy dürli keşpleri janlandyrýar. Film 2-nji iýulda ekranlara goýberiler.

**«The Fantastic Four: First Steps»**

«Marvel» studiýasynyň 2025-nji ýyldaky 2-nji kinosy bolan bu ekran eseriniň hem muşdaklary az däl. Mett Şakmanyň režissýorlygyndaky filmiň gahrymanlaryny Pedro Paskal, Wanessa Körbi, Ýosef Kuinn, Ebon Moss-Bahrah, Julia Garner, Jon Malkowiç dagy janlandyrýar. Film 25-nji iýulda tutuş dünýädäki prokatlara ýaýradylar.




